ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ HALK BILIMI MINISTRLIGI

**HAÝRIDDIN SULTANOW, MURTAZA KARŞYBAÝEW**

# WATAN DUÝGUSY

UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ 5-NJI SYNPLARY ÜÇIN OKUW GOLLANMASY

*Milli taglym we aňyýet ylmy-amaly merkezi tarapyndan neşire hödürlenen*

***Doldurylan we täzeden işlenen 5-nji neşir***

DAŞKENT «MA'NAVIYAT» 2015

UO‘K 37.035.6 = 512.164
KBK 74.200.50
S 91

Şu gollanma umumy orta bilim berýän mekdepleriň 5-nji synplary üçin niýetlenen bolup, onda Watan we watanparwerlik bilen bagly bilimler we düşünjeler Prezident Islam Karimowyň «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» hemde «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitaplary esasynda baýlaşdyrylyp, häzirki zaman talaplary ruhunda beýan edilen.

**UO‘K 37.035.6 = 512.164**
**KBK 74.200.50**

J o g a p k ä r  r e d a k t o r:
*filosofiýa ylymlarynyň kandidaty* ***Abdurahim Erkaýew***

**Sultanow Haýriddin, Karşybaýew Murtaza.**
«Watan duýgusy»: Orta mekdepleriň 5-nji synplary üçin okuw gollanmasy / 5-nji neşir. – D.: «Ma’naviyat», 2015. — 112 sah. ÖzR Halk bilimi ministrliginiň ady bilen.
I. Awtordaş.

ISBN 978-9943-04-136-3

**ŞERTLI BELGILER:**

– açar sözler
– üns berip okaň
– öwreniň
– döredijilikli pikirleniň
– ýatda saklaň
– soraglara jogap tapyň

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-04-136-3

© H. Sultanow, M. Karşibaýew. 2015
© «Ma’naviyat», 2015

# GIRIŞ

Gadyrly okuwçy, şu günlerde ýurdumyzda Garaşsyzlyk baýramyna bagyşlanan köpçülikleýin çäreler, seýil we tomaşalar bolup geçýär. Ene ýurdumyz barada, onuň garaşsyzlygy barada gözel sözler, goşgy we aýdymlar eşidip, garaşsyzlygyň nähili beýik nygmatdygyny ählimiz tüýs ýürekden duýýarys. Şunuň ýaly pursatlarda kalbymyzda «şeýle azat we abat Watana mynasyp perzent bolmak üçin nähili sypatlara eýe bolmaly?», «Watan duýgusy, Watana bolan söýgi nähili işlerde görünýär?» diýen soraglaryň döremegi tebigydyr, elbetde. Şeýle soraglara jogap tapmakda «Watan duýgusy» dersligi size kömekçi we maslahatçy bolar, diýip pikir edýäris.

**Adamyň sagdyn we kämil bolup ýetişmeginde Watan duýgusy uly ähmiýete eýedir.**

Halkymyz, Watanymyz siziň sagdyn we kämil bolup ösmegiňizi isleýär. Şonuň üçin ýurdumyzda, şäherlerimizde we obalarymyzda döwrebap mekdepler, akademik liseý we kesp-hünär kolležleri, ýokary okuw edaralary, lukmançylyk, medeniýet, sport we sungat mesgenleri, täze ýaşaýyş jaýlary gurulýar.

**«Ýaşlaryň terbiýesi, kämil nesil diýende, biz Özbegistanyň beýik geljegini nazarda tutýarys»[1].**

Kalbynda Watan duýgusy bolmasa, adam hakyky adam bolup bilmeýär, özüni gaty garyp we ejiz saýýar.

---

[1] **Islam Karimow.** Vatan va xalq mangu qoladi. D.: Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasy, 2010-njy ýyl, 131-nji sah.







*Suratlara üns beriň! Olarda şekillendirilen samolýotlaryň ikisi-de owadan. Emma ýurdumyzyň baýdagynyň reňkindäki samolýot aýratyn saýlanyp dur. Ol gözümize başgaça, misli çog ýaly ýaldyrap görünýär. Munuň sebäbi näme diýip oýlaýarsyňyz?*

Siziň bu gün öwrenmäge girişýän ylmyňyzyň esasy maksady halkymyza, ýurdumyza wepaly ýaşlary terbiýelemekden ybarat.

«Watan duýgusy» ylmyny esaslandyran Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowdyr. Bu ylym Ýurtbaşymyzyň 2001-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda gol çekilen «Milli garaşsyzlyk taglymy: esasy düşünjeler we prinsipler» ylmy boýunça bilim maksatnamalaryny döretmek we respublikanyň bilim ulgamyna girizmek baradaky» permanyna esaslanylyp okadylýar.

**Durmuşdaky ähli bilimler Watandan, ony öwrenmekden başlanýar. Adam doglup, ilki bilen Watanyň howasyndan dem alýar, Watan tymsaly bolan enäniň mährinden, ak süýdünden ganýar.**

Üns beriň, dilimizdäki köp sözler we jümleler bir, köp bolsa, birnäçe manyny aňladýar. «Watan» sözi bolsa bütin ömrümiziň manysyny özünde jemleýär. Şonuň üçin Watany öwrenmek hiç haçan gutarmaýan, bir ömür dowam edýän prosesdir.

Şu manyda, «Watan duýgusy» ylmy Watan baradaky ähli bilimleri öz içine alyp bilmeýär. Onuň esasy wezipesi – dünýädäki iň beýik we mukaddes duýgy bolan Watan duýgusyny taryhdan, bu günki durmuşymyzdan alnan mysallar esasynda siziň kalbyňyza siňdirmekden ybarat.

Şuny ýatdan çykarmaň, bu wezipäni ýerine ýetirmekde köp zat size, siziň yhlasyňyza bagly. Siziň her bir temany üns bilen özleşdirip, mekdepde başga ylymlardan alan bilimleriňiz bilen berkidip barmagyňyzy isleýäris.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Siz haýsy ylymlara gyzyklanýarsyňyz?
2. Şu suratlar bilen siz okan tekstde baglylyk barmy?


1


2


3


4

3. Siziň mekdepiňizde nähili şertler bar? Siz olardan nähili peýdalanýarsyňyz?
4. Siz geljekde kim bolmakçy?
5. Siziň sagdyn we kämil bolup ösmegiňiz barada, ilki bilen kim aladalanýar? Özüňiz munuň üçin nämeleri etmeli diýip pikir edýärsiňiz?

# *Birinji bap.* ENE ÝURDUM – ALTYN BIŞIGIM

## WATAN – ÝEKE-TÄK WE MUKADDES

Eziz okuwçy, biz Watan sözüni köp eşidensiňiz. Ata Watanymyzy tüýs ýürekden söýýäris. Ýöne ony doly taryplap bilmeýäris.

**Watan – iňňän beýik we mukaddes düşünje.**

Biz ene ýurdumyzy beýik muhabbet bilen söýen, bütin durmuşyny onuň garaşsyzlygy, geljegi üçin bagyşlan adamlaryň Watan baradaky pikirlerini okasak, köp zada düşünýäris.

Prezidentimiz Islam Karimowyň Watanymyz barada uly mähir bilen aýdan pikirlerine üns beriň: **«Elbetde, jahan – giň, dünýäde ýurt köp, ýöne bu älemde gaýtalanmaz ene ýurdumyz, Özbegistanymyz ýeke-täkdir. Bu gözel ýurt, bu mukaddes toprak diňe biziň üçindir»**[1].

Beýik magaryfperwer babamyz Abdulla Awlany Watan barada şeýle diýipdi:

**«Her bir adamyň doglup ösen şäherine we ýurduna şol adamyň watany diýilýär. Her kim doglan, ösen ýerini janyndan artyk söýýär. Hatda bu watan syzgysy, duýgusy haýwanlarda hem bar. Eger bir haýwan öz watanyndan – sürüsinden aýrylsa, öz ýerindäki ýaly rahatlanyp ýaşamaz, maişati talh[2] bolup, her wagt ýüreginiň bir çetinde öz watanynyň söýgüsi durar».**

Eždatlarymyz bu pikirleri goşgy arkaly hem beýan edipdirler. Görnükli şahyr we magaryfperwer Sidky Hondaýlygynyň ynha şu setirlerine üns beriň:

---

[1] **Islam Karimow.** Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 90-njy sah.

[2] **Maişati talh** — durmuşy ajy.

Watan nedir? Dogduk ýerim, ýaşan ýerim,
Ösüp-önüp, oýnap-gülüp gezen ýerim...
Janym – Watan, tenim – Watan, gözüm – Watan,
Ýatdan çykar ony görsem, başga gören ýerim[1].

*Eziz okuwçy, ynha şu üç pikirdäki bir-birine ýakyn manyly jümleleri tapawutlandyryp bilersiňizmi? Meselem,* ***«Bu älemde gaýtalanmaz ene ýurdumyz, Özbegistanymyz ýeke-täkdir»*** *(birinji pikir).* ***«Her kim doglan, ösen ýerini janyndan artyk söýer»*** *(ikinji pikir).* ***«Janym – Watan, tenim – Watan, gözüm – Watan, Ýatdan çykar ony görsem, başga gören ýerim»*** *(üçünji pikir).*

Şu jümleleriň ählisinde Watanyň ýeke-täkligi, oňa janyňy pida etmelidigi aýdylýar. Ýene şuňa meňzeş jümleleri tapmaga synanyşyň.

Watan sözüniň manysy bu günki günde gaty giň. Häzirki wagtda watan diýende diňe bir dogduk mekan däl-de, eýsem ilki bilen özümiz ýaşaýan, onuň raýaty bolan ýurdy düşünýäris. Adam doglup, kemala gelen öý, mähelle, oba we şäher bolsa Watanyň içindäki kiçi watandyr.

*«Mähelle» gadymy söz bolup, ýer, adamlar köpçülik bolup ýaşaýan mesgen diýen manylary aňladýar. Taryhda hünärmentler mähellesi, küýzegärler mähellesi, çörek ýapýanlar mähellesi ýaly mähelleler bolupdyr.*

Mähelle ýagşy-ýaman günlerde aladalary we kyn meseleleri özara ylalaşylyp, bilelikde çözmek, mähir-şepagat görkezip ýaşamakda uly ähmiýetlidir.

**Köpçülik bolup, meýletinlik, halyslyk bilen edilýän haýyrly işlere haşar (ýowar) diýilýär.**

---

[1] Vatan va millat muqaddasdir. D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 10-njy sah.

Haşarlar bu günki günde has-da ösüp, her ýyl Nowruz we Garaşsyzlyk baýramlarynyň öňüsyrasynda mähellelerde, şäherlerde we obalarda, bütin ýurdumyzda ählihalk haşarlary geçirilýär.

Garaşsyzlykdan öň mähelle edarasynyň işi çäklendirilip goýlupdy. Garaşsyzlyk ýyllarynda mähellä üns güçlendi. Oňa raýatlaryň öz-özüni dolandyryş edarasy derejesi berlip, hukuklary we ygtyýarlyklary kanun bilen berkidildi.

**2003-nji ýyl ýurdumyzda «Abat mähelle ýyly» diýlip yglan edildi.**

*«Oba» özbekçe (kişlak) söz bolup, gyşlaýan ýer diýen manyny aňladýar.*

Gadymda ata-babalarymyz baharyň gelmegi bilen daýhançylyk etmek üçin ekin meýdanlaryna ugrapdyrlar. Dagly we sähra ýerlerde bolsa mallary bakmak üçin gyrlara we ýaýlalara çykypdyrlar. Güýz gelip hasyl ýygnalandan soň, adamlar ýene oba gaýdyp gelipdirler. Gyşy köpçülik bolup öýlerde geçiripdirler. Beýle adatlar häzirki wagtda hem bar. Daýhanlar, çopan-çoluklar ýaz möwsüminiň girip gelmegi bilen işe çykýarlar, ýagny ekin meýdanlaryna, ýaýlalara çykýarlar.

**«Ata Watan diýen beýik we mukaddes düşünje adamzat üçin göýä oba tymsalyndan başlanýar»[1].**

Taryha nazar taşlasak, dünýädäki iň iri şäherleriň hem ilkibaşda kiçijik oba bolanyny, zamanlaryň geçmegi bilen ösüp, uly şähere, käte güýçli döwlete öwrülendigini görýäris. Gadymda Ýewropa kontinentindäki uly imperiýa esas bolan Rim şäheri muňa mysal bolup biler.

Bu günki günde halkymyz ulanýan näz-nygmatlaryň esasy bölegi obalarymyzda ýetişdirilýär. Özbegistanyň tebigatynyň iň gözel ýerleri

---

[1] **Islam Karimow**. Vatanimizning bosqichma-bosqich va barqaror rivojlanishini ta’minlash – bizning oliy maqsadimiz. Eserler, 17-nji jilt. D.: «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2009-njy ýyl, 61-nji sah.



– garly daglary, ýap-ýaşyl gyr-baýyrlary, uç-gyraksyz meýdanlary, arassa suwly bulaklary, jülgeleri, reňbe-reň haýwanat dünýäsini obalarymyzda görmek mümkin. Aýratynam, sada we ak göwünli, zähmetkeş adamlar, olaryň asyrlaryň dowamynda saklap gelýän milli urp-adatlary obalarymyza aýratyn öwüşgin bagyşlýar.

! **2009-njy ýyl ýurdumyzda «Oba ösüşi we abadançylygy ýyly» diýlip yglan edildi.**

*«Şäher» sözi abat ýer, ýurt, ülke, ilat gür ýaşaýan mekan diýen manylary aňladýar.*

Taryhda ülkämiziň çäginde ilki bilen gala-şäherler peýda bolupdyr. Wagtyň geçmegi bilen olar özara birigip, iri döwletlere öwrülipdir. Bir şäherden ybarat bolan şäher-döwletler bu günki günde-de duşýar. Meselem, Ýewropadaky Watikan şäher-döwleti muňa mysal bolup biler. Ýöne aglaba döwletler köp çäkler, şäherleri we obalary öz içine alýar.



**Buhara. Ark**



**Hywa. Içangala**

*«Şäher» sözi özbekçe «korgan», «kent», arabça «gala», «medine» sözleri bilen manydaş hasaplanýar.*

Ýurdumyzda gadymy we döwrebap şäherler köp. Olaryň her biri biziň buýsanç-guwanjymyzdyr. Olaryň tymsalynda biz Watanymyzyň beýik taryhyny, bibaha maddy we ruhy mirasyny, bu günki ösüş, medeniýet derejesini, halkymyzyň ýaradyjylyk ukybyny görýäris.

Islendik ýurtdaky täzeleniş we özgerişler, ösüş alamatlary onuň iri şäherlerinden, ilki bilen paýtagtyndan başlanýanýandygyny unutmaň.

**Daşkent 2007-nji ýyl «Yslam medeniýeti paýtagty» diýlip yglan edildi. 2009-njy ýylda Daşkent şäheriniň 2200 ýyllyk taryhy senesi nyşanlandy.**

Ýurdumyzda Buhara, Hywa, Termiz, Şährisebz, Karşy, Samarkant, Daşkent, Margilan ýaly taryhy şäherler bar. Bu günki günde olaryň keşbi barha owadanlaşýar. Şonuň üçin hem biz olary «Gadymy we hemişe juwan şäherler» diýip taryplaýarys.

**«Ýurt», «diýar», «ülke», «respublika» «Watan» sözüniň manydaşlary hasaplanýar.**

**Watanda ýaşamak iň uly bagt. Watandan jyda düşmek, watangedaýlyk ullakan pajygadyr.**

Biz örän bagtly adamlardyrys – dünýäde deňi ýok azat Watanda ýaşap, kämilleşýäris. Ýurdumyzyň baýlyklary – biziň baýlygymyz, onuň üstünlikleri – biziň üstünligimiz. Ýeke-täk Watanymyza mynasyp perzent bolmak mukaddes borjumyzdyr.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Obaňyz ýa-da mähelläňiz nähili atlandyrylýar? Onuň manysyny bilýärsiňizmi?
2. Suratkeş bolsaňyz, Watanyň suratyny nähili çyzan bolardyňyz?
3. Watan barada dört hatar goşgy aýdyp beriň.
4. Garlawaçlar näme üçin her ýyl baharda öz höwürtgesini azaşman tapyp gelýärler?
5. Suratlara garap, adamlardaky we haýwanlardaky watan duýgusy barada aýdyp beriň.


1


2


3


4

6. Ýurdumyzdaky haýsy şäherleri bilýärsiňiz?

# GARAŞSYZLYK MEÝDANY

Eziz okuwçy, dünýädäki her bir ýurduň halky üçin onuň buýsanjyna öwrülen mukaddes mesgenler bolýar. Garaşsyzlyk meýdany biziň üçin ynha şeýle mübärek mesgendir. Ol paýtagtymyz Daşkent şäheriniň gap merkezinde ýerleşýär.

**Garaşsyzlyk meýdany 1991-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda Prezidentimiz Islam Karimowyň permanyna görä döredildi.**

*Hany aýdyň, Garaşsyzlyk meýdany ýurdumyz garaşsyzlygyny gazanandan soň näçe günden soň döredilipdir.*

Bu uly meýdan köp taryhy wakalaryň şaýadydyr.

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senaty, Ministrler Kabineti, Prezident diwany ýaly döwletimiziň iň ýokary edaralary hut şu meýdanyň töwereginde ýerleşýär.



**Garaşsyzlyk meýdany**

Daşkent metrosynyň «Garaşsyzlyk meýdany» beketinden günbatar tarapa ýöresek, ilki bilen ap-ak sütünleri we portallary gün şöhlesinde parlap duran Ýagşylyk arkasyna gözümiz düşýär.

*Arka sözi depesi ýarym töwerek şeklindäki derweze ýa-da şu görnüşdäki ajaýyp desga diýen manyny aňladýar.*

Arka beýik taryhy wakalaryň, ýeňişli ýörişleriň we üstünlikleriň hormatyna gurulýar. Fransiýa döwletiniň paýtagty Pariž şäherinde imperator Napoleon döwründe gurlan Ýeňiş derwezesi – Triumfal arka dünýä meşhur.

**Ýagşylyk arkasy Watanymyz garaşsyzlygy, halkymyzyň haýyrly ymtylyşlarynyň şanyna gurlan seýrek ýadygärlikdir.**

Arkanyň depesindäki üýtgeşik Ýer şary boýunça göge galmaga şaýlanýan durnalar şekillendirilen. Olar – barha güýçlenip, ösüp barýan Özbegistanymyzyň tymsalydyr. Bir aýakda duran leglekler bolsa parahatçylyk-asudalygyň, ýurdumyzdaky bereketiň nyşanydyr.

Garaşsyzlyk meýdanynyň töründe Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumenti beýgelip dur. Bu ýadygärlik iki bölekden – Özbegistanyň teswiri düşürlen Ýer şary we perzendine mähir bilen bakýan Bagtyýar ene heýkelinden ybarat. Ýer şary monumenti 1992-nji ýylda oturdylan. Ondaky Özbegistanyň çäginiň teswiri ýurdumyzyň garaşsyz döwlet hökmünde dünýäde mynasyp ornuny eýeländigini, garaşsyzlygymyzyň ebedidigini aňladýar.



Watanymyzyň simwoly bolan Bagtyýar ene heýkeli bolsa 2005-nji ýylda gurlan. Ene öz perzendine uly umyt we ynam bilen bakyp, onuň garaşsyz ýurdumyz üçin mynasyp perzent bolmagyny dileýär.

**Prezidentimiziň 2006-njy ýylyň 3-nji ýanwaryndaky kararyna görä, Garaşsyzlyk meýdanyndaky uly ýadygärlige Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumenti diýip at berildi.**

Ýagşylyk arkasy bilen Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumentini ýeketäk taglym birleşdirýär. Ýagny, iki ýadygärlik hem halkymyzyň gowy maksatlaryny şöhlelendirýär.

Il-ýurdumyz müň ýyllaryň dowamynda gowy arzuw-umytlar bilen ýaşap gelipdir. Mundan üç müň ýyllar öň döredilen «Awesto» kitabynda gowy pikir, ýagşy söz we haýyrly amal adam durmuşynyň esasy düzgüni bolmalydyr, diýen taglym beýan edilen bolup, bu hem eždatlarymyzyň örän gadym zamanlardan başlap ýagşylygy ömrüniň manysy saýandyklaryny delillendirýär.

**Halkymyzyň beýik maksatlaryny suratlandyrýandygy üçin Garaşsyzlyk meýdanyna Watanymyzyň baş meýdany diýýäris. Onuň gaýtalanmaz keşbine garap, bütin ýurdumyzy, halkymyzyň kalbyny, ýüregini gören ýaly bolýarys.**



**Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumenti**

Garaşsyzlyk meýdanynda gurlan kaşaň monument we heýkeller, owadan alleýalar we toplumlar, ýaşyl çäkler, gözel çüwdürimleriň esasy awtory we başyny başlan Prezidentimiz Islam Karimowdygyny ýatdan çykarmaň.

Garaşsyzlykdan öň bu ýer ot hem gögermeýän, diňe demir-beton bilen örtülen gelşiksiz bir ýere öwrülipdi.

Bu günki günde ýurdumyzyň uzak-ýakyndaky şäherleridir obalaryndan ýurtdaşlarymyz, dünýäniň dürli ýurtlaryndan daşary ýurtly syýahatçylar uly höwes we gyzyklanma bilen bu ýere gelip, Daşkendi, bütin Özbegistanymyzy täzeden açyş eden ýaly bolýarlar.

Her ýyl Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda ýurdumyzyň Prezidenti Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumentine gül desselerini goýýar. Ýurdumyza gelen daşary ýurtlaryň, abraýly halkara guramalarynyň ýolbaşçylary, ýurdumyzyň jemgyýetçilik wekilleri hem Watanymyza, halkymyza ýokary hormat nyşany hökmünde bu monumente gül goýup, meýdany aýlanyp, onuň gözelliginden hoşal bolýarlar.

Garaşsyzlyk meýdanynyň gündogar tarapynda Sahypgyran Emir Temur babamyzyň heýkeli we onuň adyndaky gözel alleýa, «Özbegistan» maslahatlar köşgi, Temuriler taryhy döwlet muzeýi, Simpoziumlar köşgi, Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan milli kitaphanasy, Ýaşlar döredijilik köşgi, Şekillendiriş sungaty galereýasy, Biznes merkezi ýaly bir-birinden owadan binalar, toplumlar ýerleşýär.

Demirgazyk tarapda Hatyra meýdany, Gamgyn ene heýkeli, «Türküstan» köşgi ýaly beýik desgalar bar.

Günorta tarapda bolsa Senatyň jaýy we meýdany, Ministrler Kabineti, Prezident diwanynyň jaýlary, ýap-ýaşyl alleýa gözüňi guwandyrýar.

Günbatar tarapda bolsa dury suwly Anhor we onuň kenaryndaky ajaýyp daragtzarlar, täzeçe keşbine eýe bolan uly «Pahtakor» stadiony, ol ýerdäki dürli sport oýunlary bilen meşgullanýan ýaşlar ünsümizi özüne çekýär.



**Gamgyn ene heýkeli**



**Şekillendiriş sungaty galereýasy**



**Ýaşlar döredijilik köşgi**

Bir söz bilen aýdanda, Garaşsyzlyk meýdanynda durup, halkymyzyň janaýamazlykly zähmeti bilen edilýän ullakan işler, deňsiz özgerişleriň aýdyň beýanyny gören ýaly bolýarys we mundan kalbymyz joşup buýsançdan dolýar.

Garaşsyzlyk bize näçe asyrlyk taryha eýe bolan haýyrly işlerimizi, gymmatlyklarymyzy we däplerimizi dowam etdirmek, dünýäde hiç kimden kem bolmazdan, erkin we asuda ýaşamaga mümkinçilik berdi. Biz garaşsyzlyk meýdanynda dostlarymyz, maşgala agzalarymyz bilen seýil etmek bilen, muňa ýene bir gezek göz ýetirýäris.

**?** ***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Garaşsyzlyk meýdany barada öň nämeleri bilýärdiňiz?
2. Surata garap, Ýagşylyk arkasynyň näçe sütüni bardygyny aýdyň.



3. Suratlara garap, Bagtyýar enäniň we Gamgyn enäniň ýüz keşbi barada aýdyp beriň.



1



2

4. Garaşsyzlyk barada goşgy ýa-da aýdym bilýärsiňizmi?

# WATANA AKYL ÝETIRMEK

Eziz okuwçy, Watany akyl ýetirmek üçin ony tüýs ýürekden söýmeli, ene topragyň taryhy, onuň bu günki ösüşi, adamlary, tebigaty barada köp zatlary bilmeli.

Watanyň anyk bir çäk bilen baglylygyny ykrar etmeýän, «Biziň üçin bütin ýer ýüzi – watan», diýip ýaşaýan adamlar ylym-bilimde kosmopolitler diýlip atlandyrylýar. Beýle adamlar aslynda watansyzlyk taglymyny wagyz edýärler. Bu taglym zyýanlydyr.

Ylym-bilimde ýene bir düşünje – oturymly ýaşaýyş diýen jümle bolup, ol Watan düşünjesi bilen baglydyr.

*Oturymly ýaşaýyş bir ýerde kök atyp, hut şu topraga mähir goýup ýaşamagy aňladýar.*

Oturymly halklar dünýä medeniýetiniň ösüşine uly goşant goşupdyr.

**Biziň halkymyz gadym zamanlardan bäri oturymly ýaşap gelýän dünýädäki iň gadymy halklardan biridir.**



Hywa. Kelte minar



Buhara. Minarai kelan



*Suratlara üns bilen garaň, elmydama göçüp ýöreýän halk ynha şeýle gadymy ýadygärlikleri döredip bilermi?*



**Samarkant. Şirdar medresesi**

Çagalar çägede ýa-da toprakda oýnanlarynda laý garyp, öýjagazlar, minaralar ýasamaga çalyşýarlar. Bu bolsa oturymly ýaşaýyş biziň ganymyza siňip gidendigini görkezýär.

Watanyň tebigaty, ýeri, suwy we howasy, asuda asmanynyň özboluşly aýratynlygy bar. Meselem, ýurdumyzyň ähli ýerinde nar agajy ösýär. Ýöne hiç ýeriň nary Kuwa ýa-da Şährisebz naryna deň gelmeýär. Ülkämiziň hemme ýerinde injir ösýär, emma olaryň içinde Samarkant injiriniň mazasy başgaçadyr. Beýik eždadymyz Zahiriddin Muhammet Babur Mawerannahr welaýatlaryndaky gawunlar barada aýdyp, Buhara gawuny barada aýratyn durup geçýär: «Buharada her jyns gawundin köp bolur we ýagşy bolur».

*Rowaýat*

## SAMARKANT ÇÖREGI



Aýdyşlaryna görä, gadymda Bagdat patyşasy Samarkandyň çöregine höwes edip, öz paýtagtynda hem şolar ýaly çörek ýapmagy ýola goýmakçy bolupdyr. Şu maksat bilen Samarkantdan iň meşhur çörek bişirijini çagyrdyp getirýär. Samarkantly ussa öz şäherinden toprak alyp gelip, laý garyp, tamdyr ýasamalydygyny aýdypdyr. Onuň aýdany ýerine ýetirilipdir. Ussa Samarkantdan odun getirmegiň zerurdygyny

mälim edipdir. Bu isleg hem ýerine ýetirilipdir. Samarkandyň suwundan we unundan getirilip, hamyr edilipdir. Mahlasy, hemme zat taýýar edilipdir. Bularyň ählisinden patyşany habardar edipdirler. Patyşa çörek bişirijini ýanyna çagyryp, «Hany, gerekli zatlaryň hemmesi taýýarmy, ýogsam, işi başla!» diýipdir. Şonda çörek bişiriji ötünç sorap, «Hezretim, entek hemme zat taýýar däl», diýipdir we bu işi amala aşyrmagyň mümkin däldigine patyşanyň özi göz ýetirsin diýen niýetde ahyrky şertini aýdypdyr: «Hezretim, indi ýene Samarkandyň howasy bilen Samarkandyň güneşi bolsa, bolany, çörek ýapmaga başlasagam bolar». Şeýdip, çörekçi hem jezadan, hem mümkin bolmadyk işi ýerine ýetirmek azabyndan gutulypdyr.



*Eziz okuwçy, siziň pikiriňizçe, güneş bilen howany bir ýerden ikinji ýere eltmek mümkinmi? Ata-babalarymyzyň «Ýerimize, suwumyza doga giden» diýen sözlerine nähili düşünýärsiňiz?*

Dünýädäki her bir halk, il we halkyýetiň özboluşly ýaşaýyş ýörelgesi, milli däpleri olar mekan edinen ýer bilen baglylykda şekillenýär. Ýagny, olar hut oturymly ýaşaýşyň önümidir. Meselem, derýa we deňiz ýakalarynda ýaşan halklaryň urp-adatlary we däpleri çöllerde we sährada ýaşaýan halklaryňkydan düýpgöter tapawutlanýar.

**«Halkymyzyň durmuşyna we aňyna nazar taşlaýan bolsak, başgalara hiç meňzemeýän, müň ýyllaryň dowamynda şekillenen, diňe bir özara gatnaşyk däl, eýsem durmuşymyzyň aýrylmaz bir bölegi hökmünde ýüze çykýan ençeme özboluşly aýratynlyklary görýäris. Mysal üçin, dilimizdäki mähir-şepagat, mähir-muhabbet, mähirlilik, gadyr-gymmat diýen, bir-birini çuňňur many-mazmun bilen baýlaşdyrýan we doldurýan jümleleri alalyň. Nähili geň bolsa-da, bu jümleleri başga dillere gönüden-göni terjime etmegiň özi kyn mesele»[1].**

[1] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 8-nji sah.

Watanyň özbolușly aýratynyklary, hatda, adamyň ýüzüniň gurluşy, keşbinde-de görünýär. Meselem, özbegi ýapondan, araby türkden, latyn amerikalyny ýewropalydan ýüzüne we gözüne garap bilmek mümkin.

Ykbalyň oýny bilen adam öz ýurdundan uzak ýurtlarda ýaşamaly bolanda onda Watanyndan miras bolup gelen duýgular we sypatlar täzeden oýanýar we ony ene diýara çagyrýar. Şeýle ýagdaýy käte «Ata-babalarymyzyň ruhy çagyrýar» diýip hem düşündirýärler. «Edebiýat» dersliginde gürji ýazyjysy Nodar Dumbadzeniň «Hellados» – «Watan» atly hekaýasy bar. Onda durmuşyň şu kanunalaýyklygy gaty täsirli edip beýan edilipdir. «Hellados» Gresiýa döwletiniň gadymy ady. Oňa gadymy Ellada hem diýýärler. Iň gyzykly ýeri bu hekaýanyň Gresiýa hakynda däl-de, eýsem ýürekdäki Hellados – köňüldäki Watan hakyndadyr.

Biziň beýik eždatlarymyz hemişe Watana bolan söýgi duýgusy bilen ýaşapdyrlar.

**!**

**«Çingizhan şeýle bir aýylganç güýçdi, dünýädäki menmen diýen näçe şahsyýetler onuň garşysynda dyza çöküp, boýun egip ýaşamaga taýýardylar. Muhammet Horezmşahyň[1] töweregindäki köp sanly bekler hem duşmana baş egmegi makul bilenlerinde, Jelaliddin bu pikire garşy çykyp, özüniň deňsiz edermenligini we batyrgaýlygyny görkezdi. Şu wagta çenli ýeňlişe sezewar bolmadyk mongol goşunlarynyň garşysyna on bir ýyllap söweşdi. We ganymlara şeýle aýgytly zarba berdi welin, hatda Çingizhan ýaly mekir we rehimsiz, dünýäniň ýarysyny zabt eden basybalyjy-da ony ykrar etmäge mejbur boldy»[2].**

---

[1] **Muhammet Horezmşa** – Horezmiň hökümdary, Jelaliddin Menguberdiniň atasy.

[2] **Islam Karimow**. Ozod va obod Vatan, erkin va farovon hayot – pirovard maqsadimiz. D.: «O‘zbekiston» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 73-nji sah.

Adamy ýurdundan, ene topragyndan mahrum etmek, oňa öz ýurdunda azar bermek iň uly günä hasaplanýar. Her bir adamyň öýi — onuň eldegrilmesiz watanydyr. Şonuň üçin, halkymyzyň adatyna görä, garaşylmazdan biriniň öýüne barmaly bolunsa, öýüň eýesinden ötünç soralýar. Eždatlarymyz diňe bir ynsany däl, eýsem islendik jandary hem watanyndan jyda etmegi günä hasaplapdyrlar.



**Ürgenç. Jelaliddin Menguberdiniň heýkeli**

*Rowaýat*

## GARYNJANYŇ WATANY

Hezreti Alyşir Nowaýy günleriň birinde öýüne howlugyp barýan eken. Soňra dostlary akyldardan onuň sebäbini sorapdyrlar. Şonda Alyşir Nowaýy şeýle mazmunda jogap beripdir: «ýol ugruna bir garynja geýmime ilişip, meniň bilen metjide gelipdir. Biçäre watanyndan aýra düşüpdir, şonuň üçin ony öz mekanyna alyp barýaryn. Howluganymyň sebäbi şoldy».



*Birinji dersimizdäki haýwanlarda-da watan duýgusy bar, diýen sözler ýadyňyzdamy? Şol sözleri şu rowaýat bilen deňeşdirip, pikiriňizi beýan ediň.*

Dünýäde şeýle bir ýowuz güýçler bolup, olar tutuş halklary-da öz watanyndan aýra salýarlar. Meselem, garaşsyzlykdan öň höküm süren sowet häkimiýeti krym tatarlaryny öz ýurdundan çykaryp, başga ülkelere, şol sanda biziň diýarymyza-da nähak göçürdi. Şonuň netijesinde olar ýarym asyra golaý watanyndan mahrum bolup ýaşadylar. Diňe sowet imperiýasy ýumrulandan soň olar öz ýurduna – Krym ýarymadasyna dolanyp bardylar. Biziň halkymyz eždatlarymyzyň däplerine wepaly bolup galmak bilen, olara iň agyr günlerde dertdeş boldular, öz gujagyndan ýer berdi.

Ikinji jahan urşy ýyllarynda bolsa halkymyz SSSR-iň faşistleriň basyp alan çäklerinden göçürlip getirilen dürli millete degişli 1 milliona golaý aç-naçar, geýim-gejime, gaçbatalga, mähire mätäç ilata duz-nesibe, başpena berdi. Olaryň 200 müňe golaýy çagalardy. Ýekeje Daşkent şäheriniň özünde 2323 sany ýetim çaga maşgalalar tarapyndan perzent hökmünde kabul edildi. Olar halkymyzyň mähir-şepagaty sebäpli Özbegistana bir ömürlik perzentlik mähri bilen baglandylar. Bu ynsanlar ýurdumyzy özleriniň hakyky Watany saýyp ýaşadylar.

Il-ýurdumyzyň şeýle mähribanlygy Watanda ýaşamagyň nähili beýik bagtdygyny, watansyzlygyň gaty uly pajygadygyny çuňňur duýmagy delillendirýär.

Jemläp aýdanda, Watana akyl ýetirmek adam üçin bir ömürlik prosesdir. Adam özüni, özüne, gadyr-gymmatyna akyl ýetirdigi saýyn Watanyna-da düşünip oňa akyl ýetirýär.

?

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Siz myhmançylyga ýygy-ýygydan barýarsyňyzmy?
2. Myhmana baranda özüňizi nähili duýýarsyňyz? Öýde nähili?
3. Kapasadaky guş bilen erkin uçup ýören guşuň arasynda nähili tapawudy bar?
4. Suratlardaky öý haýwanlarynyň atlaryny aýdyň. Näme üçin biz olara öý haýwanlary diýýäris?


1


2


3


4

5. Siziň obaňyzda ýa-da şäheriňizde nähili miweli agaçlar köp we näme üçin?

# PARAHATÇYLYK – BAHASYNA ÝETIP BOLMAÝAN NYGMAT

Eziz okuwçy, biziň ýurdumyzda gözel, gadymy we döwrebap baýramlar köp. Olardan biri 9-njy maý – Hatyra we hormatlama günüdir.

**Hatyra we hormatlama güni 1999-njy ýyldan bäri ýurdumyzda giňden bellenilip gelýär.**

Bu baýram Ikinji jahan urşunda heläk bolan, il-ýurdumyzyň azatlygy, gülläp ösmegi ugrunda göreşip, zähmet çekip, gurban bolan ähli adamlaryň hatyrasyny ýatlamak, bu günki günde garrylygyň lezzetini görýän uruş we zähmet weteranlaryny hormatlamak maksadynda döredilendir.

*«Hatyra» sözi ýatlamak, ýada salmak, unutmazdan ýaşamak diýen manylary aňladýar.*

Bu baýram günlerinde öten-geçenler ýatlanyp, olaryň guburlaryna zyýarat edilýär, garrylar gutlanyp, olara sowgatlar berilýär, gowy dilegler edilýär.

*«Gadyr» sözi haýsy-da bolsa bir zadyň gymmaty we ähmiýetine dogry baha berip, oňy yzzat-hormat edip ýaşamagy aňladýar.*

Aýratynam, 9-njy maý güni Watanymyzyň paýtagty – Daşkent şäheriniň merkezinde ýerleşýän Hatyra meýdany aýratyn bir keşbe eýe bolýar. Ir bilen bu ýerde Ikinji jahan urşunyň gatnaşyjylary, şol gazaply ýyllarda frontuň arkasynda söweşen ýurtdaşlarymyz, zähmet weteranlary, jemgyýetçilik, döwlet we döwletden daşary guramalaryň wekilleri, mähelle işeňňirleri, ýaşlar, köpçülikleýin habar serişdeleriniň işgärleri toplanýar. Zyýaratgähe Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimow hem gelýär. Döwletimiziň baştutany uruş we zähmet



weteranlary, jemgyýetçilik wekilleri bilen görşüp, olary baýram bilen tüýs ýürekden gutlaýar.

Meýdanyň töründe – gündogar tarapynda ýerleşen Gamgyn ene heýkeliniň aşagyna gül goýup, Ikinji jahan urşunda heläk bolan watandaşlarymyzyň hatyrasyny hormat etmek şu dabaranyň iň täsirli bölegi hasaplanýar.

Şondan soň meýdanyň demirgazyk we günorta taraplarynda gurlan eýwanlardaky uruşda heläk bolanlaryň familiýalary, doglan we aradan çykan ýyllary welaýatlar boýunça ýazylyp goýlan zer çaýylan ýazgylary gözden geçirilip, merhumlar ýene bir gezek ýatlanýar.

**!** **Döwlet baştutanymyzyň köpçülikleýin habar serişdeleri üçin interwýusy dabaranyň iň möhüm wakasy hasaplanýar.**

Ýurtbaşymyzyň 2013-nji ýyl 9-njy maýdaky interwýusy «Özbek halkyna parahatçylyk we amanlyk gerek» diýen çagyryş sözleri bilen köpçüligiň ýadynda galdy. Hut şu at bilen kitap edip neşir edilen bu interwýuda ilki bilen Ikinji jahan urşunda gazanylan ýeňiş halkymyz üçin neneňsi gymmata düşendigi nygtalýar.

**!** **Uruşdan öň Özbegistanda 6,5 milliona golaý ilat bolup, şondan 1,5 milliony söweşlere gatnaşdy. Ýurtdaşlarymyzdan 500 müňe golaýy uruşda heläk boldy. Näçe adam dereksiz ýogaldy ýa-da maýyp-müjrüp bolup gaýtdy.**



*Alty ýarym million adamyň ýarysyndan köpüni çagalar, garrylar tutsa, zähmete ýaramly ilatyň näçesi uruşda gatnaşypdyr? Urşa gidenleriň ýerinde zähmet çekmek kimiň gerdenine düşüpdir?*



Gynansak-da, bu günki günde dünýäde, daş-töweregimizde dürli gapma-garşylyklaryň we dawalaryň saklanmagy, terrorizm, ekstremizm howpunyň barha güýçlenmegi, faşizm diýen belanyň ýene peýda bolmagy adamzat entegem taryhdan zerur netijeler çykarmandygyny görkezýär.

Owganystanda otuz bäş ýyldan gowrak, uruş dowam edýär. Bu bolsa ýurdumyzdaky, dünýädäki parahatçylyga we durnuklylyga uly howp döredýär. Uruş döwründe bu ýurtda rahat durmuşyň nämedigini bilmeýän bir nesil kemala geldi.

**«Bize parahatçylyk gerek diýen çagyryş bu gün tutuş halkymyz üçin ýeke-täk çagyryş bolmalydyr. Özbegistana parahatçylyk gerek, asuda durmuş gerek. Ösüşimiz üçin ýekeje-de böwet gerek däl»[1].**

**Halkymyz doga el açanda, Ýaradandan ilki bilen parahatçylyk, amanlyk bolmagyny soraýar. Bu iki söz il-ýurdumyzyň aňyna siňip, ýaşaýşyň mazmunyna, milli gymmatlyga öwrüldi.**

Watandaşlarymyz başyna şöhle saçýan güneşi, asuda asmany parahatçylygyň, abadançylygyň iň möhüm alamaty hasaplaýar.

*Parahatçylyk bolan ýerde ösüş bolýar. Özara hormat, raýdaşlyk bolmadyk ýerde hiç haçan ösüş bolmaýar.*

**Parahatçylyk asmandan düşmeýär. Garaşsyz ösüşimiziň, abat durmuşymyzyň esasy bolan parahatçylyk-asudalyk üçin göreşmeli, gerek bolsa, bu ugurda janypkeşlik etmeli.**

---

[1] **Islam Karimow**. O‘zbek xalqiga tinchlik va omonlik kerak. D.: «O‘zbekiston», 2013-nji ýyl, 27-nji sah.

**Dynç-asuda durmuş, durnuklylygyň iň möhüm şerti – bigamlyga we biperwaýlyga ýol bermezden, elmydama ägä, her taraplaýyn duýgur we eserdeň bolmak, taryhdan, durmuşdan netije çykaryp ýaşamakdan ybarat.**

Prezidentimiziň kitabynda ynha şeýle garaýyş, meýil ähli watandaşlarymyzyň durmuş maksadyna öwrülmelidigi aýratyn nygtalýar.

Eziz okuwçy, şu eseriň gysgaça mazmunyndan hem görşüňiz ýaly, onda örän möhüm we derwaýys pikirler öň sürlen. Ynha şu maksatlary we wezipeleri amala aşyrmaga goşant goşmak üçin siz ilki bilen gowy okamalysyňyz, wagtyňyzy bir sellem hem biderek geçirmezden, dyngysyz gözlegde bolsaňyz, ata-eneňiziň, il-ýurdumyzyň hymatyna elmydama taýýar bolup, ata Watanymyzy tüýs ýürekden söýüp ýaşamalysyňyz.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Hatyra we hormatlama gününde siz ilki bilen kimi gutlaýarsyňyz?
2. Parahatçylygyň gadyryna nähili düşünýärsiňiz?
3. Siziň eždatlaryňyzyň arasynda uruş ýa-da zähmet weteranlary barmy? Olar barada aýdyp beriň.
4. Suratlarda parahatçylygyň alamatlary nähili suratlandyrylypdyr?



1



2



3



4

## WATAN DUÝGUSY

Eziz okuwçy, adamyň duýgulary-da onuň ýaşaýan ýeri bilen bagly.

Siz iňlis ýazyjysy Kiplingiň «Maugli» eseri esasyndaky kinofilmi tomaşa eden bolmalysyňyz. Onda ýaş çaganyň tokaýdaky haýwanlaryň arasynda ýaşap, syzgy-duýgularynyň düýpli üýtgändigi barada hekaýa edilýär.

**Watan duýgusy adama bir ömür ýoldaş, hemra bolýar.**

Watanyň ady agzalmagy bilen onuň gujagynda geçen ýyllarymyz, ata-enemiz, gadyrdan öýümiz ýadymyza düşýär, kalbymyz şirin duýgulardan dolýar.

Ýurdumyzyň gaýtalanmaz tebigatyny tomaşa edende, onuň baýlyklaryndan peýdalananda, çet ýurtlarda watandaşlarymyz bilen görşende, olaryň sport, medeniýet, sungat we başga ugurlarda gazanan üstünliklerini eşidende, biygtyýar guwanýarys.

Watan duýgusy adama ene hüwdüsi, babalaryň öwüdi, atanyň göreldesi, maşgala, mekdep terbiýesi, tälim, ene tebigat bilen aragatnaşyk prosesinde siňýär. Watan duýgusy agyr putsatlarda bize güýç-kuwwat berýär, halkymyzy, ýurdumyzy dünýä tanatmaga, eždatlarymyzyň beýik däplerine wepaly bolmaga ündeýär.

Adatda, adamlar daşary ýurtlara barmakçy bolsa, özi bilen bile Watanyny ýatladyp durýan, özi üçin gadyrly bolan zady alýarlar. Ata-babalarymyz uzak ülkelere gidenlerinde ýurduň topragyndan bir gysym alyp, ýaglyga düwüp goýupdyrlar. Uzak ýurtlarda olaryň ýürekleri Watanyny küýsände ynha şu topragy ysgap, gözlerine çalyp, gadyrdan diýarymyzyň mährini duýupdyrlar.



Beýik adamlaryň kalbyndaky Watana ymtylma duýgusy gaty güýçli bolup, olar diňe bir dirikäler däl, eýsem bu dünýäden göz ýumanyndan soň hem ene ýurduň topragyna ýakynrak bolmagy arzuw edýärler. Uzak Hindistan ülkesinde patyşalyk eden Zahiriddin Muhammet Babur babamyz aradan çykandan soň öz jesedini şu ýurda däl, eýsem Watanyna ýakynrak bolan ýer – Owganystanyň häzirki paýtagty bolan Kabul şäherine goýmaklaryny wesýet edipdir. Bu beýik eždadymyzyň mübärek gubury häzir Kabul şäherinde.

Watanymyz garaşsyzlygyny gazanandan soň Baburyň doglan ýurdy – Andijan şäherinde beýik eždadymyzyň simwoliki gubury gurlup, onuň daşynda ullakan bag döredildi.

*Watan duýgusy adamdaky neslegeçijilik duýgusy bilen aýrylmaz bagly. Neslegeçijilik iň möhüm aýratynlyklaryň we gymmatlyklaryň atadan çaga, eždatlardan nesillere miras bolup geçýändigini aňladýar.*

Häzirje agzalan Babur babamyzyň dowamçylary – baburylar dinastiýasynyň aglaba wekilleri ata-babalarynyň ýurdy – Özbegistan topragynda ýaşamadyk bolsalar-da, watan duýgusy olary şu mübärek topraga çagyryp durupdyr. Olaryň bu günki nesilleri hem ynha şu topragy özlerine taryhy Watan hasaplaýarlar.

Taryhy Watan duýgusy başga halklara hem mahsusdyr. Meselem, häzirki günde Amerika kontinentinde ýaşaýan halklaryň ata-babalary gadymda Ýewropadan göçüp barypdyr. Şonuň üçin bu halkyň bu günki nesilleri Ýewropa ýurtlaryny özüniň taryhy watany diýip hasaplaýarlar.



**Andijan. Zahiriddin Muhammet Baburyň heýkeli**

Ata-babalarymyz neslegeçijilik däplerini saklamak üçin özleriniň nesil-nesebiniň taryhy – şejeresini ýazyp barypdyrlar. Bu hem Watana muhabbet, onuň taryhyny mukaddes saklamaga bolan ymtylyşyň bir görnüşidir.

Siz Watanymyzdan ýetişip çykan (alloma) görnükli alymlar barada köp eşidensiňiz.

*«Alloma» arapça söz bolup, alymlaryň alymy, iň ökdesi, diýen manylary aňladýar.*

Görnükli beýik alymlarymyz Watan duýgusy her işde, her ädimde medetkär bolsun diýip, öz atlaryna doglan ýerleriniň adyny goşup ýazypdyrlar. Buhary, Zamahşary, Samarkandy, Şaşy, Daşkendi, Fergany, Marginany, Horezmi, Termizi, Nasafy ýaly atlar şeýlelikde peýda bolupdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ynha şu alymlarymyzyň ylmy mirasyny çuňňur öwrenmek we dünýä möçberinde wagyz etmek boýunça örän uly işler amala aşyrylýar. 2014-nji ýylyň 15–16-njy maý günleri Samarkant şäherinde «Orta asyrlar Gündogar alymlarynyň we akyldarlarynyň taryhy mirasy, onuň häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüşindäki roly we ähmiýeti» temasynda geçirilen halkara konferensiýa şolara degişlidir.

## «MOBIL TELEFONUŇ IÇINDÄKI ÖZBEK»



Dünýä meşhur Bi-bi-si kompaniýasy beýik watandaşymyz Muhammet Horezmi barada 10 minutlyk filmi surata aldy. Onda alym babamyzyň matematika ugrundaky uly açyşlary, hususan-da, onluk pozision hasaplaýyş ulgamy we nol belgisini birinji bolup ylym-bilime girizendigi, «algoritim» sözüniň al-Horezminiň adyndan alnandygy barada hekaýa edilýär. Bi-bi-siniň synçysy elindäki mobil telefony görkezip: «Men her gezek mundan peýdalananymda onuň içinde oturan Beýik özbege tagzym edýärin», – diýip nygtaýar. Bu sözleri bilen ol Horezmi babamyzyň matematika älemindäki beýik täzelikleri bilen mobil telefon ýaly bu günki habar serişde-lerini takmynan 12 asyr öň esaslandyrandygyny minnetdarlyk bilen ykrar edýär.

Ynha şeýle ykrar we minnetdarlyk sözlerini Samarkantda geçirilen halkara konferensiýa günleri daşary ýurtly myhmanlar tarapyndan öwran-öwran beýan edildi.



*Globusy kim açyş edendigini bilýärsiňizmi? Biz her gezek globusdan peýdalananymyzda haýsy eždadymyza tagzym etmelidiris?*

Eziz okuwçy, siz iňlis ýazyjysy Daniel Defonyň Robinzon Kruzo baradaky meşhur eseri esasynda döredilen filme tomaşa edensiňiz. Onuň gahrymany öz Watanyndan uzakda, ýalňyzlykda kösenýär. Kimsesiz ada düşüp galan bu adam adamlyk keşbini saklap galmak üçin dyngysyz hereket edýär we ahyry ýalňyzlygy ýeňýär. Hiç şübhesiz, munda oňa Watan duýgusy kömek edýär.

**Ýurt kolonial zulm astynda galan wagtynda Watan duýgusy Watan hasratyna öwrüldi.**




Diýarymyzda 130 ýyla golaý dowam eden kolonial döwürde ata-babalarymyzyň ýurt bilen bagly duýgulary diňe hasrat şeklinde ýüze çykýardy. Mahmythoja Behbudi, Munewwer kary, Abdulla Kadyry, Abdulhamid Çolpan ýaly eždatlarymyzyň uly hasrat bilen ýazylan makaladyr goşgularyny okanyňda, Watan topragynda ýaşap, Watandan jydalyk derdi bilen ýaşamagyň neneňsi agyr dertdigini duýýarys.

Il-ýurt azat, ýurt garaşsyz bolsa, adam onuň gülläp ösmegi ugrunda bar gujur-gaýratyny ulanýar, Watan bilen bagly duýgulary buýsanç duýgularyna öwrülýär. Bu gün Watanymyz barada gürrüň edilende, biz, ilki bilen, ynha şeýle buýsanç duýgularyny duýýarys. Çünki, ýurdumyz azat we abat bolup, günsaýyn ösýär.

**Watan duýgusy watanperwerlik sypatlaryna esas bolýar.**

**«Watana söýgi duýgusy adamyň kalbynda tebigy ýagdaýda döreýär. Ýagny, adam özüne aň ýetirdigi, nesil-nesebini bildigi saýyn ýüreginde Watana bolan söýgi duýgusy kök atyp, barha ýokarlanýar. Bu kök näçe çuň bolsa, doglup ösen ýurda bolan söýgi-de şonça çäksiz bolýar»[1].**

*Watanperwerlik ene ýurdy söýmek we beýgeltmek, ony goramak duýgusy bilen ýaşamak, şu ugurdaky janypkeşlikdir.*

*Janypkeşlik özüni, bar güýç-gaýratyny we akyl-huşuny haýyrly we beýik maksadlar ugrunda doly ugrukdyrmak diýmekdir.*

---

[1] **Islam Karimow**. Ozod va obod Vatan, erkin va farovon hayot – pirovard maqsadimiz. D.: «O‘zbekiston» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 8-nji jilt, 502-nji sah.

### Soraglar we ýumuşlar:

1. Siz mobil telefonuňyzdan peýdalananyňyzda ony kim açyş edendigi barada oýlap görüpdiňizmi?
2. Siz daşary ýurda syýahata çyksaňyz, özüňiz bilen nämeleri alardyňyz?
3. Watan duýgusy barada goşgy ýa-da aýdym bilýärsiňizmi?
4. Suratlara garap watanperwerlik barada aýdyp beriň.



1



2



3

*Amaly sapak*

## BU MUKADDES WATANDA EZIZDIR YNSAN

Eziz okuwçy, ýurdumyzda ýerasty, ýerüsti baýlyklar, gymmatlyklar we däpler köp. Ýöne biziň üçin ýene beýik baýlyk bar, ol öz zähmeti, bilimi, talanty we tejribesi bilen topragymyzy altyna öwrüp, şäher-obalarymyzy abat edýän adamlardyr.

**Adam neslini Allanyň özi eziz we keramatly edip ýaradypdyr. Her bir adam – beýik bir täsinlik. Dünýädäki ähli halklar we milletler hem Ýaradanyň beýik täsinligi hökmünde hormat-yzzata mynasypdyr.**

Gynansak-da, taryhyň hemme döwürlerinde-de adam mynasyp gadyr-gymmat tapmandyr. Aýratynam, ýurt basybalyjylar zulmy astyna ýa-da tümlüge düşen wagtynda, öňki dersimizde belleýşimiz ýaly, Watan duýgusy hasrata öwrülýär, adamlar hormatyň ýerine yzarlanma, käte hatda köpçülikleýin gyrgynlara duçar edilýär.

Ene diýarymyz hem ýowuz basybalyjylaryň ençeme hüjümlerini başdan geçirdi. Meselem, miladydan öňki asyrlarda Eýran şalary Kir we Doro, grek goşuny, XII asyrda bolsa mongol basybalyjylary ýurdumyzyň topragyna çozup girdi. Il-ýurdumyz olara garşy mertlerçe göreşip, her gezek azatlyk gazanypdyr.

Jahandaky güýçli döwletleriň armiýasy dürli ülkeleri zabt etmegi, özüne tabyn etmegi mümkin, emma olar hiç haçan halklaryň kalbyny, ruhuny zabt edip bilmeýär. Şonuň üçin dünýädäki haýsy döwlet barada gürrüň edilende, ilki bilen şol ýurduň alymlaryny, şahyrlaryny we akyldarlaryny ýada salýarys. Çünki olar adamzada biminnet gulluk edipdirler.

XIX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalaryndan başlanyp, XX asyryň 91-nji ýylyna çenli, baryp 130 ýyl dowam eden patyşa Russiýasy we sowetler kolonializmi halkymyzyň başyna köp agyr synag we ýitgileri getirdi.

## TARYHYŇ IŇ GARA SAHYPASY

Biz sowetler döwrüni ýakyn taryhymyzyň iň gara, howsalaly sahypalary hökmünde ýada salýarys.

**«Mälim bolşy ýaly, 1937–1953-nji ýyllarda öňki SSSR çäginde elhenç köpçülikleýin syýasy gadaganlar amala aşyrylypdy. Onuň ýaramaz netijelerini özümiz göz öňüne getirmegimiz üçin ýekeje Özbegistan boýunça 100 müňe golaý adam gadagana duçar bolup, 13 müň sanysynyň atylyp taşlanandygyny ýatlamak ýeterlidir»[1].**



*Bu pikirlerde getirilen mysallary bu günki durmuşymyz bilen deňeşdiriň. Bu günki durmuşymyzy taryhyň nähili sahypasy hökmünde bahalamak mümkin?*

[1] **Islam Karimow.** Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 97–98-nji sahypalar.

Sowet düzümindäki jebir-sütemler 1989-njy ýylyň iýun aýyna çenli – Islam Karimow Özbegistanyň ýolbaşçysy hökmünde işe başlaýança dowam etdi.

**Ýurdumyzyň agyr ýagdaýa düşendigi, mundan gutulmak üçin respublikamyzyň ýolbaşçysynyň uly edermenlik bilen göreş alyp barandygy barada Prezidentimiz Islam Karimowyň «Özbegistan garaşsyzlyk gazanmagyň bosagasynda» kitabynda giňişleýin gürrüň berilýär.**

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap ýurdumyzda «Özgertme özgertme üçin däl, ilki bilen adam üçin» diýen düzgün baş kada hökmünde alyndy. Munuň manysy, özgertmeler adamyň ýaşaýşyny gowulandyrmaga hyzmat etmeli diýildigidir.

**Adam, onuň durmuşy, hukuklary we azatlyklarynyň iň ýokary gymmatlykdygy Konstitusiýamyzda ýazylandyr.**



**Şehitleriň hatyrasy alleýasy**

Kolonial döwürde nähak jebir çeken adamlara görä taryhy adalaty, beýik eždatlarymyzyň mübärek atlaryny we hatyrasyny, bahasyna ýetip bolmaýan mirasyny dikeltmäge aýratyn üns berilýär. Meselem, 2000-nji ýylda paýtagtymyzyň Ýunusabat tümeninde «Şehitleriň hatyrasy alleýasy» ýadygärlik toplumy guruldy. Soňluk bilen şol atda gazna we Gadagan gurbanlary hatyrasy muzeýi döredildi.

*«Gadagan» sözi çapmak, gynamak, öldürmek diýen manylary aňladýar.*

Bir wagtlar bu ýerde, ýagny Bozsuw kanalynyň boýunda Alwastyköpri diýlip wehimli at alan jarlyk bolupdyr. XX asyryň 30-njy ýyllarynda ynha şu çola ýere gijesine halkymyzyň ençeme asyl perzentleri maşynda gizlin getirilipdir we rehimsizlik bilen atyp taşlanypdyr. Soňra kepensiz, nam-nyşansyz gömülipdir.

**31-nji awgust ýurdumyzda Gadagan gurbanlary hatyrasyny ýatlama güni hökmünde bellenip geçilýär.**

Her ýyl 31-nji awgustda Prezidentimiz bu ýere gelip, gadagan gurbanlarynyň hatyrasyny hormatlaýar.

Bu günki günde ýurdumyzda parahat we asuda durmuş, dürli millet we halkyýet wekilleriniň arasynda dostluk we raýdaşlyk gurşawy berkidilýär. «Bu mukaddes Watanda ezizdir adam» diýen sözler amaly many-mazmuna eýe bolup barýar.

Häzirki wagtda daşardan durup durmuşymyzy hatardan çykarmaga dyrjaşýan, ülkämiziň baýlyklaryna eýelik edip, halkymyzy ýene tabyn etmekçi bolan ýowuz güýçler hem, gynansak-da, ýok däl. Beýle howp-hatarlar halkara terrorizm, ekstremizm, dini fanatizm, ahlaksyzlyk diýen atlar bilen atlandyrylýar. Elbetde, bütin dünýä boýunça kök atan, adamlary, aýratynam ýaşlary duzaga salyp, olary öz ýurduna, ata-enesine garşy öjükdirmäge çalyşýan beýle güýçlerden ägä bolup, Watanymyzyň garaşsyzlygyny gözüň göreji ýaly gorap ýaşamak ählimiziň mukaddes borjumyzdyr.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Adamlar bir-biri bilen näme üçin şatlanyp görüşýärler?
2. Näme üçin biz bäbek doglanda begenýäris?
3. Adamyň hormatyny berjaý etmäge gönükdirilen nähili urp-adatlarymyzy bilýärsiňiz? Suratlara garap, olar barada aýdyp beriň.



1



2



3

4. Siz ata-eneňize, mugallymlaryňyza we ýoldaşlaryňyza hormatyňyzy nähili aýan edýärsiňiz?
5. Adamyň ezizligi barada nähili nakyllary bilýärsiňiz?

## MAŞGALA – WATAN TYMSALY

Eziz okuwçy, eger saňa «Hany, Watanyň suratyny çekip ber», diýseler, ilki bilen nämäniň şeklini kagyza geçirerdiň? Munuň üçin ilki bilen öz bilýän ähli zatlarymyzy gözden geçirýäris. Şonda biz iň eziz we düşnükli mesgen özümiziň doglup ösen öýümiz görünýär.

**Watan duýgusy maşgaladan, ene gujagyndan başlanýar.**

Adamy kämillige ýetirýän, oňa iň gözel duýgulary siňdirýän, onuň aňynda ilkinji bilimleri we endikleri şekillendirýän mekan maşgaladyr.

**«Maşgala jemgyýetiň esasy bogunydyr hem-de jemgyýet we döwlet goragynda bolmak hukugyna eýe»[1].**

Prezident Islam Karimow maşgala şeýle kesgitleme berýär: **«Bu ýagty dünýäde durmuş bar-ka, maşgala bolýar. Maşgala bolsa, perzent diýlip atlandyrylýan bahasyna ýetip bolmaýan nygmat bolýar. Perzent bar-ka, adamzat hemişe gowy arzuw we ymtylyşlar bilen ýaşaýar»**[2].

Rowaýatlara görä, ýer ýüzündäki ilkinji maşgala Adam Ata we How Ene tarapyndan gurlupdyr. Dünýädäki adamlar, halklar we milletler şu maşgaladan ýaýrapdyr. Şonuň üçin adamzada bir ata-enäniň perzentleri diýýäris, olary dost we dogan bolup ýaşamaga çagyrýarys.

---

[1] Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 63-nji madda. D.: «O‘zbekiston», 2014-nji ýyl, 21-nji sah.

[2] **Islam Karimow**. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2008-nji ýyl, 56-njy sah.



Bäbek gözüni açyp dünýä inenden soň ilki bilen enesini tanaýar hem-de onuň bagryndan pena we rysgal tapýar. Enäniň gujagynda rahat we asuda uklaýar, aram alýar. Adam maşgalada özüni erkin we azat duýýar. Halkymyzyň «Öz öýüm – ot düşegim» diýen pähimli sözi-de hut şu hakykaty nazarda tutup aýdylandyr.

**Dünýädäki ähli zadyň esasy bolşy ýaly, maşgalanyň hem daýanç sütünleri bolýar. Olar ata bilen enedir.**

Ene mähir-muhabbet, ýagşylyk we janypkeşlik nyşany. Ony Watana deňeýäris. Watany taryplanda ilki bilen «Ene Watan» diýýäris. Ene we Watan baradaky düşünjeler bir-birine meňzäp gidýär. Watan hem, ene hem perzendiniň bagty üçin hiç zady aýamaýar. Şonuň üçin hem Watanymyzyň baş meýdany bolan Garaşsyzlyk meýdanyna «Bagtyýar ene» heýkeli oturdylandyr.

Ene hüwdüsinde Watan duýgusy baş temadyr. Hüwdüde «uly bolgun», «il-ýurduňa gulluk etgin» diýlip ýöne ýere aýdylmandyr.

**Ene hüwdüsi bilen bile çaganyň kalbyna milli ruh girýär. Bu milli ruh – Watan duýgusydyr.**

*Rowaýat*

## YMAM BUHARYNYŇ ENESI

Rowaýatda aýdylyşyna görä, Ysmaýyl ogly Muhammet Buharynyň gözi ol bäbek wagty bagtsyz tötänlik sebäpli ejizleşipdir. Enesi çaganyň gözüne şypa ber, diýip gije-gündiz Alladan dileg edipdir. Günleriň birinde enäniň düýşüne pygamberimiz Ybrahym aleýhissalam giripdir we oňa: «Eden dilegleriň kabul boldy, ogluň indi şypa tapar» diýipdir. Şondan soň ýaş Muhammediň gözi açylypdyr. Ol öz durmuşyny pygamberimiz Muhammet aleýhissalamyň hadyslaryny toplamaga bagyşlamagy karar edipdir we beýik hadysşynas bolup ýetişipdir.

*Enesi doga okap dileg eden bolmasa, Ymam Buhary bütin dünýä tanalarmydy?*

**Ýurdumyzda 1998-nji ýyl – «Maşgala ýyly», 2001-nji ýyl – «Eneler we çagalar ýyly», 2012-nji ýyl bolsa «Berk maşgala ýyly» diýlip yglan edildi.**

Maşgalanyň ýene bir sütüni atadyr. Ata – maşgalanyň başlygy, hojalygy dolandyryp, öýde, maşgalada adalatyň nusgasy bolup, hemmelere görelde bolup durýan şahsyýetdir. Gadymda haýsydyr ogullaryň biri ýagşy ýa-da ýaramaz etmişi bilen köpçüligiň ünsüni çekse, şol bada ondan «ataň kim, kimiň oglusyň?» diýip sorapdyrlar. Çünki atanyň kimligi perzent baradaky iň möhüm baha hasaplanypdyr.

Adatda ogullar atalaryna, gyzlar bolsa enelerine meňzäp, olardan görelde alypdyrlar. Şonuň üçin ogullar hakynda gürrüň gidende «Ata ogly», diýseler, gyzlar hakynda gürrüň gidende bolsa, «Ene gyzym», diýýärler.

*Rowaýat*

## ÜÇEGE ÇYKMADYK ÇAGA

Gadymda bir çaga enesi: «Balam, üçege çykyp, odun taşlasana»,– diýipdir. Şol wagt çaganyň atasy öýde uklap ýatan eken. Şonuň üçin çaga: «Atam ýatan öýüň üçegine nädip çykaryn»,– diýip, atasynyň ukudan oýanmagyna garaşypdyr.

*Çaga atasy eşitmez ýaly ýuwaşlyk bilen üçege çyksa bolmazmydy?*



Maşgalada «ata kesbi» diýen düşünje bar. Perzent ata kesbini eýelese, adamlar «Atasynyň elini alypdyr», «Atasynyň dowamçysy bolupdyr», diýip ondan hoşal bolýarlar.

Ata kesbini dowam etdirmek esasynda meşhur dinastiýalar peýda bolupdyr. Meselem, ýurdumyzda sungat ugrunda Ýunus Rajaby esaslandyran rajabylar dinastiýasy, sirk ugrunda Daşkentbaýewler dinastiýasy we başga dinastiýalar bar.

Beýle dinastiýalar taryhda hem köp bolupdyr. Meselem, ýurdumyzda temuriler dinastiýasy, baburylar dinastiýasy, Hindistanda gandiler dinastiýasy ady mälim we meşhur. Beýle dinastiýalar maşgala däplerini beýgeltmek arkaly Watany beýgeltmäge hyzmat edýär.

*Terbiýe adamyň sagdyn we kämil bolup ösmegi, durmuşa taýýar bolmagy üçin gerekli bilimleri we başarnyklary düşündirmek, öwretmek we görelde esasynda siňdirip barmak ýoludyr.*

Maşgalada uly durmuş tejribesine eýe bolan babalaryň we mamalaryň öwüt-nesihatlary hem möhüm terbiýeçilik ähmiýete eýedir.

Halkymyz: «Guş höwürtgesinde görenini edýär»,– diýýär. «Hin» diýende çagalar bagy ýa-da mekdep däl-de, maşgala nazarda tutulýandygy onuň adam terbiýesindäki täsiriniň nähili uludygyny aňladýar.


Karşy. «Il-ýurt daýanjy» heýkeli

**Jemgyýet müňlerçe maşgalalardan ybarat bolýar. Şonuň üçin maşgalany jemgyýetiň esasy, onuň esasy boguny, diýýäris.**

*Jemgyýet – bileleşip ýaşamagyň ýokary görnüşi. Çünki oňa diňe bir adamlar däl, eýsem dürli toparlar, taýpalar we gatlaklar hem birleşýär.*

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda ilkinji gezek Karşy şäherinde «Il-ýurt daýanjy» diýen at bilen maşgala heýkel oturdyldy.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Ir bilen maşgalada ilki bilen kime salam berýärsiňiz?
2. Eneňiziň size nähili hüwdi aýdandygy ýadyňyzdamy?
3. «Ata razy – Hudaý razy» diýen nakyla nähili düşünýärsiňiz?
4. Ene barada dört hatar goşgy aýdyp berip bilersiňizmi?
5. Suratlara garap, maşgalanyň adam terbiýesine täsiri barada aýdyp beriň.


1


2


3

*Amaly sapak*

# KÖRPE ÇEMPIONLAR

Eziz okuwçy, sagdyn we kämil nesli kemala getirmekde sportuň ähmiýeti uly. Şonuň üçin ýurdumyzda çagalar sportuny ösdürmäge uly üns berilýär.

**Özbegistanda 2002-nji ýylda Çagalar sportuny ösdürmek gaznasy döredildi. Gaznanyň Howandarlyk geňeşiniň başlygy ýurdumyz Prezidenti Islam Karimowdyr.**

Ýurdumyzyň sportçy ýaşlary abraýly halkara ýaryşlarda uly üstünlikleri gazanýarlar. Aýratynam, akyl gimnastikasy bolan küşt boýunça ýurdumyzdan ençeme ýaş çempionlar ýetişip çykýar.

**Nadirbek Abdusattarow 8 ýaşynda Sloweniýanyň Maribor şäherinde küşt boýunça geçirilen jahan çempionatynda altyn medala eýe boldy.**



Nadirbek 2004-nji ýylda Daşkent şäherinde doglan, Ýaşnabat tümenindäki 152-nji mekdepde tälim alýar. Ol 2008 we 2010-njy ýyllarda Özbegistanyň çempiony, 2011 we 2014-nji ýyllarda Aziýa çempiony bolupdy.

Aga-ini küştçiler Jawohir we Islambek Sindarowlaryň atlary hem köpçülige tanyş. Adamdan güýçli akyl-paýhas, yhlas we çydamlylyk talap edýän küşt ugrunda jahan çempionlary bolan bu körpe oglanlarymyzyň gazanan uly ýeňşi bütin halkymyzda çäksiz guwanç we buýsanç oýardy.

**Jawohir we Islambek 2014-nji ýylyň 13–17-nji iýun günleri Gresiýanyň Kawala şäherinde geçirilen çalasyn küşt boýunça jahan çempionatynda rapid we blits ýönelişleri boýunça 4 sany altyn medala eýe boldular.**

Ýaş küştçi dostlarymyz dünýäniň ençeme döwletlerinden wekiller gatnaşýan ýaryşlarda bir gezek hem ýeňilmediler.



Jawohir dört ýarym ýaşyndan başlap küşt bilen meşgullanýar. Ol halkara meýdandaky ilkinji ýeňşini 2012-nji ýylda Hindistanyň Dehli şäherinde gazanypdy. Onuň inisi Islambek hem seýrek talantlydygyny görkezdi. 2013-nji ýylda Eýranda bolan Aziýa çempionatynda ol bir gezekde üç sany altyn medala sezewar boldy.

Prezidentimiz 2013-nji ýylyň 7-nji dekabrynda «Özbegistan» maslahatlar köşgünde Kostitusiýa gününe bagyşlanan dabaradaky çykyşynda Islambek Sindarowyň üstünlikleri barada aýratyn durup geçdi: **«5 ýaşynda – üns beriň, 5 ýaşly – körpe oglanymyz Islambek Sindarowyň Aziýa çempiony diýen hormatly ada sezewar bolanyny alýaňyzmy, hany aýdyň, eziz dostlar, beýle üstünliklere guwanman, buýsanman bolarmy?»**

**Çagalykdan başlap uly-uly işlere, ýokary sepgitlere ymtylyp ýaşamak halkymyzyň damarynda ozaldan bar.**

Abu Ali ibn Sina, Abu Reýhan Biruny ýaly beýik alymlarymyz çagalyk ýyllaryndan başlap deňi-taýsyz ylmy zehnini görkezdiler. Beýik akyldar şahyrymyz Alyşir Nowaýy 3–4 ýaşlygyndan başlap türki we pars goşgulary ýatdan okandygy, soňluk bilen özi-de gazallar ýazandygy taryhy çeşmelerden mälim. Ýene bir eždadymyz Zahiriddin Muhammet Babur bolsa 12 ýaşynda Andijanyň tagtyna geçip, atasyndan miras döwleti dolandyrmaga girişipdir.

Biz atlary agzalan ýaş çempionlarymyzyň keşbinde beýik eždatlarymyzyň mynasyp dowamçylaryny görýäris. Halkymyz dili bilen aýdanda, akan derýa akýar, hiç haçan togtap galmaýar. Şonuň bilen





birlikde, beýle üstünlikler Özbegistanda sportuň ähli görnüşleri ýaly küştüň ösmegine berilýän uly ünsüň netijesidir.

Hünärmenleriň pikirine görä, ýurdumyzda küşt bilen meşgullanýan ýigit-gyzlaryň sany ýyldan ýyla artýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda 8 müňden gowrak küşt gurnagy işläp, olarda 150 müňden artyk ýaş küştçi, şol sanda, 76 müňden köpräk gyzlar türgenleşige yzygider gatnaýarlar.

**Garaşsyzlyk ýyllarynda Özbegistanyň perzendi ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek küşt boýunça jahan çempiony boldy. Ýurtdaşymyz Rustam Kasymjanow 2004-nji ýylda Liwiýa döwletiniň paýtagty Tripoli şäherinde dünýä küşt täjini eýeledi.**

**Özbek küşt sporty taryhynda aýdyň sahypa bolup galýan ýene bir möhüm waka ýaş sportçymyz Nafisa Möminowanyň ýurdumyzyň aýal-gyzlarynyň arasyndan ilkinji bolup Halkara küşt federasiýasy – FIDE tarapyndan berilýän halkara grossmeýster derejesine sezewar bolanlygydyr.**

Ýurdumyzyň Prezidenti Islam Karimow sportçylarymyzyň üstünliklerini hiç haçan ünssiz galdyrmaýar. Olary gazanan ýeňişleri bilen gutlap, gymmatbaha sowgatlar, döwlet baýraklary bilen sylaglaýar.

Ynha şu däbe görä, 2013-nji ýylyň 28-nji mart güni Nadirbek Abdusattarowa, 2014-nji ýylyň 18-nji iýul güni Jawohir we Islambek Sindarowlara Ýurtbaşymyzyň gymmatbaha sowgatlary gowşuryldy.

Şeýle körpe gahrymanlar – garaşsyzlyk perzentleridir. Garaşsyzlyk sebäpli öz talantyny we başarnyklaryny görkezip gelýän bu oglanlarymyzyň gazanjak esasy üstünlikleri, uly-uly sepgitleri entek öňde. Olaryň durmuşynda şeýle şatlykly, tolgundyryjy günler entek köp bolar. Şol bir wagtda «Biz hiç kimden kem däldiris» diýip, öňe ymtylyp ýaşaýan bu körpe çempionlara Prezident sowgady gowşurylan gün olaryň durmuşyndaky iň ýagty gün bolup galar, elbetde.

Siz hem ynha şeýle ýaşlarymyzyň hataryndan ýer almak, il-ýurdumyzyň hormatyna sezewar bolmak üçin durmuşda, okuwda hemişe öňe ymtylyp ýaşajakdygyňyza ynanýarys.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Siz sportuň haýsy görnüşine gyzyklanýarsyňyz?
2. Obaňyzda ýa-da mähelläňizde sport bilen meşgullanmak üçin nähili mümkinçilikler bar? Siz olardan peýdalanýarsyňyzmy?
3. Meşhur sportçylarymyzdan ýene kimleri bilýärsiňiz? Olar ýaly bolmagy arzuw edýärsiňizmi?
4. Suratlarda haýsy sport oýunlary görkezilipdir?


1


2


3

5. Sport bilen meşgullanmagyň nähili peýdasy bar, diýip oýlaýarsyňyz?

# WATANA BOLAN SÖÝGI

Eziz okuwçy, ynsan kalbyndaky arzuwlaryň iň beýigi – ata-enä, il-ýurda minnetsiz gulluk etmek, olaryň öňündäki perzentlik borjy tüýs ýürekden ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Muny amala aşyrmak üçin çagalykdan başlap öz öňümize anyk maksat goýup, döwrebap bilimleri, endik we hünärleri pugta eýelemeli, hem beden taýdan, hem ruhy taýdan sagdyn we güýçli bolmalydyrys.

**«Taryhy hakykatyň görkezişi ýaly, diňe damarynda milli buýsanç, Watan yşky joş urýan adam beýik işleri etmegi başarýandyr»**[1]

Ene topraga bolan söýgi ýönekeý adamlara hem uly güýç-gaýrat, gujur berip, olary edermenliklere ündeýär. Meselem, Şirak hakyndaky rowaýaty ýada salalyň. Şirak – ýönekeý bir çopan. Onuň gural-ýaragy ýok. Diňe watanyna bolan çäksiz söýgüsi bar. Ynha şu beýik duýgy ony iň güýçli duşmana garşy ýekelikde göreşe çykmaga çagyrýar. Ol özüniň duşmanyň elinde öljekdigini öňünden bilsede, bu, ýokarda aýdylyşy ýaly, iň beýik maksat – Watanyň azatlygy ugrundaky ölümdigini ol gowy bilýärdi we ondan gorkmaýardy. Ol öz gahrymançylygy arkaly hiç haçan zulum we basybalyjylyk bilen tutuş bir halky ýeňip bolmajakdygyny, onuň mert perzentleriniň muňa asla ýol bermejekdigini subut edýär.

Şiraga meňzeş batyrgaý ýigitler dünýädäki ähli halklarda bolupdyr. Çünki islendik halkyň parahat we asuda durmuşy, bagty onuň mert we batyr perzentlerine bagly.

---

[1] **Islam Karimow.** Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 90-njy sah.

## BIR PARÇA ÝER

Gadymda bir ýurda duşman çozup girmekçi bolupdyr. Ýöne ýurduň patyşasy danyşment we parahatçylyk söýüji eken. Ol gan dökülmegine ýol bermezlik üçin duşmanyň leşgerbaşyna ýyndam argamagyny, ýagny tohum atyny sowgat edipdir. Emma duşman uruş başlarys, diýip wehim salmagyny dowam etdiripdir. Patyşa ýene agraslyk bilen duşmanyň leşgerbaşysyna tylla gylyjyny beripdir. Ýöne mekir duşman muňa-da kanagatlanmandyr. Ol: «Ýurduňyzdaky hiç zat ösmeýän taşlandy ýerden bir parçasyny berersiň, bolmasa ýurduňy gana boýarys»,– diýip şert goýupdyr. Şonda patyşa berk durup, goşunyna buýrupdyr: «Eý ýurdumyň mert gerçekleri, hany, göreşe atlanyň! Mekir duşman mukaddes topragymyza göz gyzdyrýar. Ata-babalarymyzdan miras Watanyň bir garyş ýerini hem duşmana bermeris»,– diýip goşunyny söweşe girizipdir.



*Hany, aýdyň, tylla gylyç gadyrlymy ýa-da bir parça ýermi?*

Dünýä halklarynyň ertekilerinde, aýdymlarynda we dessanlarynda hem mertlik we janypkeşlik esasy temalardan biri. Meselem, hindileriň «Mahabharat» we «Ramaýana» dessanlary, grekleriň Prometeý, Anteý, Gerakl we Odisseý ýaly legendar gahrymanlary, biz ýaşaýan Merkezi Aziýa sebiti halklarynyň Rüstemi dessan, Suhrap, Siýawuş, Perhat ýaly alp pälwanlary keşbinde ynha şeýle sypatlar beýgeldilýär.

Halkymyzyň «Üç agini batyrlar», «Semurg we Binýad», «Tahyr we Zöhre» ýaly ertekileri, «Alpamyş», «Görogly» ýaly dessanlarynda mertlik we ýagşylyk wasp edilýär. Şu ruhda terbiýe alan ata-babalarymyz Watana bolan söýgi bilen ýaşamagy iň mukaddes borç hasaplaýarlar.

**«Halkymyzyň ýeňilmez batyrgaýy – Alpamyşyň mysalynda biz Watanymyzy ýaman gözlerden, bela-beterlerden goramagy başarýan, gerek bolsa, bu ugurda janyny hem gurban etmäge taýýar edermen ýigitlerimiz – bu günki alpamyşlaryň ruhy keşbini görýäris»**[1]



Ýokardaky pikirler we mysallar siziň ýaly sagdyn we kämil nesli kemala getirmegiň çuňňur taryhy we ruhy esasa eýedigini görkezýär.

Ýurdumyzda her bir ýigit halkynyň we Watanynyň öňündäki mukaddes borjy bolan harby gulluga girişmek bilen, esger geýmini geýip, dabaraly kasam kabul edýär.

Siz Daşkent şäherindäki «Watana kasam» heýkelini telewizor arkaly görensiňiz. Watan goraýjylarynyň hormatyna gurlan bu ýadygärlikde ynha şu dabara çeper suratlandyrylan.

Getirilen mysallar Watana bolan söýgi duýgusy adamyň kalbyndan çuňňur ýer alan ýagdaýynda örän kuwwatly güýje öwrüljekdigini görkezýär. Eger bu duýgy müňlerçe, millionlarça ýaşlaryň ýüreginde bolsa, beýle güýji hiç kim ýeňip bilmeýär.

Prezidentimiz Islam Karimow belent ruhuň ýeňilmez güýçdügini aýratyn nygtap, ýaşlara bagyşlanyp ýazylan kitabyny hut şu at bilen atlandyrandygy ýöne ýerden däldir.

Özbegistanyň Gahrymany, görnükli şahyrymyz Abdulla Oripowyň «Men näme üçin söýýärin Özbegistany?» diýen goşgusy sungat işgär-

---

[1] **Islam Karimow.** Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 34-nji sah.

lerimiziň ýerine ýetirmekde aýdym edilip aýdylýandygyny gowy bilýärsiňiz. Bu goşgyny okap, «Men näme üçin söýýärin Özbegistany?» diýen soraga jogap tapan ýaly bolýarys.

**Watany diňe çäksiz baýlyklary, gözel tebigaty, amatly şertleri üçin söýmeýärler. Ene toprak klimaty, tebigaty nähili bolmagyna seretmezden, adam üçin hiç zada çalşyp bolmaýan, onuň jany, ruhy aram tapýan mukaddes mekan hasaplanýar.**

**«Biz türküstanlylar[1] öz watanymyzy janymyzdan artyk söýşümiz ýaly, araplar Arabystanyny, gumluk, yssy çöllerini, eskimoslar[2] demirgazyk taraplaryny, iň sowuk gar we buzluk ýerlerini başga ýerlerden eý görýärler. Eger söýmeseler-di, howasy ýagşy, ýaşaýyş aňsat ýerlere öz watanlaryny taşlap göçüp giderdiler».**

Gahrymançylyk, mertlik, janypkeşlik bu günki günde-de iň beýik sypatdyr. Prezidentimiziň aşakdaky sözleri hut şu hakykata akyl ýetirmäge çagyrýar:

**«Eý beýik Özbegistanyň juwan nesli! Siziň bu durmuşda arzuw-islegiňiz, gözleýän maksadyňyz, edýän işleriňiz kän. Ýöne hiç haçan unutmaň, siziň iň beýik, iň mukaddes wezipäňiz – ýurdumyzyň garaşsyzlygyny, halkymyzyň erk-azatlygyny gözüň göregi ýaly aýap, onuň howpsuzlygyny goramakdyr»[3].**

Horezmli beýik alymymyz Nejmiddin Kubro babamyz Çingizhanyň baştutanlygyndaky mongol goşunlary çozup girende ep-esli gojalypdy.

---

[1] 1924-nji ýyla çenli, ýagny Orta Aziýada bolşewikler tarapyndan milli serhetler geçirilýänçe häzirki Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň, Gazagystanyň, Täjigistanyň we Türkmenistanyň çägi umumy at bilen Türküstan, bu ýerde ýaşaýan halklar bolsa türküstanlylar diýlip atlandyrylypdyr.

[2] **Eskimoslar** — demirgazyk polýusa ýakyn ülkelerde ýaşaýan halk.

[3] «Halk sözi» gazeti, 2000-nji ýyl 1-nji sentýabr sany.

Duşmanlar onuň at-abraýyny hasaba alyp, gabalan Köne Ürgenç şäherinden çykyp gitmek üçin oňa rugsat berýärler. Ýöne mert we dana eždadymyz duşmanyň bu şertine razy bolmaýar. Ol öz ýurtdaşlary bilen bile ene ýurduny gorap, gahrymanlarça heläk bolýar.

Näçe müň ýyllaryň dowamynda eždatlarymyz gözüň göreji ýaly gorap gelýän eziz Watanymyzy söýüp, onuň her garyş topragyny gözüň göreji ýaly aýap ýaşamak – biziň iň ýokary borjumyzdyr.

**!** **Watany söýmezlik – iň beýik ynsany bagtdan, duýgudan mahrumlykdyr. Ene topragyň tagdyryna biperwaý bolmak – ony özgeleriň eline bermek bilen barabardyr.**

Hakyky perzent Watany tutuş endamy bilen söýýär, ony aýawly saklamak, gülläp ösdürmek üçin bar güýjüni we mümkinçiliklerini bagyşlaýar.

**?** ***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Watan barada nähili goşgy ýa-da nakyl bilýärsiňiz?
2. Watan azatlygy üçin göreşen gahryman adamlar barada aýdyp beriň.
3. Suratlarda Watana bolan söýgi duýgusy nähili suratlandyrylypdyr?


1


2



3

4. «Men näme üçin söýýärin Özbegistany?» aýdymyndan bir bölek aýdyp berip bilersiňizmi?

# SAHYPGYRAN EMIR TEMUR

Eziz okuwçy, Watan barada, Watana bolan söýgi barada gürrüň edilende, ilki bilen gahryman eždatlarymyzy ýatlaýarys. Sahypgyran Emir Temur babamyz ynha şeýle beýik şahsyýetdir.

**Emir Temur 1336-njy ýylyň 9-njy aprelinde gadymy Keş, häzirki Şährizebziň golaýyndaky Hojailgar obasynda doglan bolup, atasy Emir Taragaý, enesi Takinabegim atlary bilen meşhur.**

*Sahypgyran sözi ýeňiji we wepaly adam, Zöhre we Ýupiter planetalarynyň bir-birine ýakyn gelende, gyran burjunda doglan diýen manyny aňladýar.*

**Emir Temur diňe bir Watanymyzyň däl, eýsem dünýä taryhynda iň görnükli we seýrek şahsyýetlerden biri diýlip ykrar edilýär, uly gyzyklanma bilen öwrenilýär.**

Sahypgyran gaty kyn we çylşyrymly taryhy şertlerde öz ýurduny – häzirki Özbegistanyň çägini hem öz içine alan gadymy Türküstan topragyny mongollaryň zulmundan azat etdi. Soňra «Emir Temur we temuriler döwleti», «Emir Temur we temuriler döwri», «Emir Temur we temuriler renessansy» diýen atlar bilen dünýä taryhyndan orun alan güýçli döwleti esaslandyrdy. Dünýä taryhynda şeýle beýik işleri amala aşyrmagy başaran adamlar gaty seýrek duş gelýär.

*«Temuriler» diýende, Emir Temuryň işini dowam etdiren onuň perzentleri we ähli nesillerini düşünýäris.*

Emir Temur indi uly durmuşa gadam basan mahalynda ýurdumyz duşmana tabyndy. Mongol adyny eşidende, hemmäniň endamy titreýärdi. Hatda, özüniň batyrlygy bilen at gazanan, «bahadyr» diýen ýokary derejä sezewar bolan Emir Temuryň kakasy, Keş welaýatynyň




**Daşkent. Emir Temuryň heýkeli**

häkimi Emir Hoja Barlos hem mongol hanlarynyň gazabyndan gorkýardy. Ol mongol hany Tugluk Temur Mawerannahryň halkyny jezalandyrmak üçin gelýänini eşidip, Amyderýadan geçip, daşary ýurda gaçýar. 24 ýaşly ýegeni Temurbek bolsa, kakasyndan rugsat sorap, yzyna dolanýar.

Mongollar Emir Temuryň edermenligini ykrar edip, ony Keş welaýatyna doruga, ýagny başlyk edip belleýär.

Emir Temur beýik serkerde, dana syýasatçydy. Ol ýeňiş esgeriň köplügine, ýeňilmeklik bolsa goşunyň azlygyna däl, eýsem Tangrynyň mededine we bendesiniň paýhasyna bagly, diýip hasaplaýar.

**!** **«Tejribämden görnüşi ýaly, işewür, mert, gaýratly, tutanýerli, paýhasly we hüşgär bir adam, müň-müňlerçe çäresiz, biperwaý adamlardan ýagşydyr»[1].**

[1] Temur öwütleri. D.: Gafur Gulam neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 1991-nji ýyl, 15-nji sah.

*Bir adam müň adamyň işini edip bilermi? Siz muny nähili düşündirýärsiňiz?*

Emir Temur babamyz durmuşda bu sözlere berk amal edýär. Meselem, Karşy galasy üçin bolan söweşde 243 sany esgeri bilen duşmanyň 12 müň adamly atly goşunynyň üstünden ýeňiş gazanýar. Bu, hakykdan hem, işewür we hüşgär bir adamyň müňlerçe çäresiz, biperwaý adamlardan artykmaçdygyny görkezýän mysaldyr.



**Samarkant. Emir Temuryň heýkeli**

**Emir Temur hemme ugurda adalaty baş ýörelge hasaplapdyr. «Güýç – adalatda» diýen şygara amal edip ýaşapdyr.**

**Sahypgyranyň «Öwütler» kitabynda döwleti dolandyrmak, harby işleri amala aşyrmak baradaky tejribeleri, geljekki nesiller üçin maslahat we görkezmeler beýan edilen.**

«Her ýurtda adalat gapysyny açdym, zulum-sütem ýoluny kesdim»,– diýip ýazýar beýik babamyz özüniň öwütlerinde.

**Emir Temur beýik döredijilikli adamdy.**

Siz Samarkant, Buhara, Şährisebz, Karşy, Termiz, Daşkent, Margilan ýaly gadymy şäherlerimizdäki taryhy-binagärlik ýadygärlikler barada eşidensiňiz. Olaryň arasynda Emir Temur babamyz gurduran binalar hem saklanyp galypdyr. Ol beýik şahsyýet Samarkant şäherinde we onuň töwereginde 14 sany ullakan bag gurdurypdyr.

**Emir Temur ylym-magaryfyň, medeniýetiň, edebiýatyň we sungatyň howandarydy.**

Onuň döwründe ýokarda atlary agzalan şäherler ylym-bilim, medeniýet, binagärlik, edebiýat we sungat merkezine öwrülýär.

**Emir Temur we temuriler döwründe Mürze Ulugbek, Ali Guşçy ýaly beýik alymlar, Bahaweddin Nagyşbendi, Hoja Ahror Weli ýaly eziz-keramatlylar, Möwlana Lutfi, Sakkoki, Ataýy, Alyşir Nowaýy ýaly şahyrlar, Mahmyt Muzahhib, Kemaliddin Behzad ýaly suratkeşler ýetişip çykdy.**

Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň ähli eždatlarymyz ýaly Emir Temur babamyzyň hem hatyrasy ýokary derejede hormatlanýar.

**1993-nji ýylyň 31-nji awgustynda Daşkent şäherinde Emir Temuryň heýkeli açyldy. 1996-njy ýyl ýurdumyzda «Emir Temur ýyly» diýlip yglan edildi. Şol ýyl 26-njy aprelde döwletimiziň ýokary sylaglaryndan biri – «Emir Temur» ordeni döredildi.**

**1996-njy ýylda Daşkent şäherinde Temuriler taryhy döwlet muzeýi, Samarkantda we Şährisebzde bolsa Sahypgyran babamyzyň heýkelleri açyldy.**



**Temuriler taryhy döwlet muzeýi**

Daşkent şäherindäki merkezi alleýa we köçe, metro beketi Emir Temuryň ady bilen atlandyrylýar. Ýurdumyzyň başga şäherlerinde-de beýik eždadymyzyň adyny göterýän mesgenler kän.

Netije çykaryp aýdanda, Sahypgyran babamyzyň mübärek ady, hatyrasy, taryhy mirasy ýokary derejede gadyrlanyp, ruhy durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi we ýurdumyzda täze döwlet we jemgyýet gurmaga hyzmat edýär.

## *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Siziň şäheringizde ýa-da tümeniňizde Emir Temuryň ady bilen atlandyrylýan ýerler barmy?
2. Emir Temur ýaly babalarymyza mynasyp bolmak üçin nämeleri etmeli, diýip oýlaýarsyňyz?
3. Suratlardaky heýkeller ýurdumyzyň haýsy şäherlerinde ýerleşendigini aýdyp beriň.



1


2


3

4. «Güýç – adalatda» diýen şygaryň manysyny düşündirmäge synanyşyň.

# GAÝTALAMAK

## «WATAN – ÝEKE-TÄK WE MUKADDES» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

?

1. Abdulla Awlanynyň Watan baradaky pikirlerini aýdyp beriň.
2. Sydky Handaýlyky Watan barada nähili goşgy setirlerini ýazypdyr?
3. Watan içindäki kiçi Watan diýende nämeleri düşünýäris?
4. «Mähelle» we «oba» sözleriniň manysyny düşündiriň.
5. «Şäher» sözüniň manysyny aýdyp beriň.
6. Suratlarda ýurdumyzyň haýsy pasyllary görkezilipdir?








## TESTLER

**1. Watan diýende nämäni düşünýäris?**

A) Göbek ganymyz daman ýeri
B) Göz ýaşymyzyň daman ýeri
C) Maňlaý derimiz daman topragy
D) Duz-nesibämiz gaçan mekany

**2. «Mähelle» sözi nähili manyny aňladýar?**

A) Ýer diýen manyny
B) Ene diýen manyny
C) Watan diýen manyny
D) Güzer diýen manyny

**3. «Oba» sözi nähili manyny aňladýar?**

A) Gyşy sowuk ýer diýen manyny
B) Çet ýer diýen manyny
C) Gyşlanýan ýer diýen manyny
D) Işleýän ýer diýen manyny

**4. «Şäher» sözi nähili manyny aňladýar?**

A) Adam köp ýaşaýan ýer manysyny
B) Ýurt diýen manyny
C) Hünärmentler watany diýen manyny
D) Abat ýer diýen manyny

## «WATANA AKYL ÝETIRMEK» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

1. Watanymyzdaky her bir çägiň özboluşly aýratynlygy barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Oturymly ýaşaýyş alamatlaryny aýdyp beriň.
3. Göwündäki watan baradaky haýsy hekaýany bilýärsiňiz?
4. Beýik serkerde Jelaliddin Menguberdiniň edermenligi we Prezident Islam Karimowyň ol hakda aýdan pikirleri barada aýdyp beriň.
5. Suratlardaky görnüşler Watana akyl ýetirmek bilen baglymy?










## TESTLER

**1. Samarkantda taýýarlanýan haýsy nygmat meşhur?**

A) Palaw
B) Tamdir kebap
D) Lagman
D) Çörek

**2. Oturymly ýaşaýşyň alamatlaryny nämelerde görmek mümkin?**

A) Anyk bir ýerde hemişelik ýerleşip ýaşamakda
B) Deňziň boýlarynda ýaşamakda
C) Çarwaçylyk bilen meşgul bolmakda
D) Bir ýerden ikinji ýere göçüp gezmekde

**3. Göwündäki watan baradaky hekaýanyň ady**

A) «Hellados»
B) «Gresiýa»
C) «Uruş we parahatçylyk»
D) «Bezzat oglan»

**4. Beýik eždadymyz Jelaliddin Menguberdi kim bolupdyr?**

A) Beýik serkerde
B) Beýik şahyr we alym
C) Ýönekeý esger
D) Samarkant şäheriniň häkimi

## «WATAN DUÝGUSY» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

1. «Maugli» eserinde näme barada hekaýa edilýär?
2. Watan duýgusy näme üçin adama bir ömür ýoldaş, hemra bolýar?
3. Zahiriddin Muhammet Baburyň gubury nirede?
4. Janypkeşlik diýende nämäni düşünýärsiňiz?
5. Suratlarda Watan duýgusy nähili suratlandyrylypdyr?








## TESTLER

**1. «Maugli» eserinde näme barada hekaýa edilýär?**

A) Haýwanlaryň gurşawyna uýgunlaşan çaga barada
B) Ata-enesini küýseýän çaga barada
C) Adamlaryň gurşawyna uýgunlaşan pişik barada
D) Ýabany haýwanlar barada

**2. Adama bir ömür ýoldaş, hemra bolýan duýgy**

A) Küýseg duýgusy
B) Çydamlylyk duýgusy
C) Watan duýgusy
D) Kämillik duýgusy

**3. Alloma (beýik alym) sözüniň manysy näme?**

A) Alymlaryň alymy
B) Beýik şahyr
C) Taryhçy alym
D) Beýik serkerde

**4. 2014-nji ýylyň 15–16-njy maý günleri halkara konferensiýa geçirilen şäheri tapyň.**

A) Daşkent
B) Jyzzak
C) Samarkant
D) Kokant

## «MAŞGALA – WATAN TYMSALY» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

1. Prezidentimiz Islam Karimow maşgala nähili kesgitleme beripdir?
2. «Öz öýüm – ot düşegim» diýen pähimli sözüň manysyny düşündirip bilersiňizmi?
3. Enäni näme üçin Watana deňeýäris?
4. Nähili meşhur dinastiýalary bilýärsiňiz?
5. «Guş höwürtgesinde görenini edýär» diýen nakyly düşündiriň.
6. Suratlara garap, maşgalanyň adamyň durmuşyndaky ähmiýeti barada aýdyp beriň.


1


2


3

## TESTLER

**1. Watany göz öňüne getirenimizde hyýalymyza ilki bilen näme gelýär?**

A) Doglan, kemala gelen öýümiz
B) Mekdebimiz
C) Depderimiz
D) Köçämiz

**2. Garaşsyzlyk meýdanyndaky heýkeliň ady?**

A) «Il-ýurt daýanjy»
B) «Bagtyýar ene»
C) «Gamgyn ene»
D) «Ýagşylyk arkasy»

**3. Meşhur taryhy dinastiýalaryň atlary ýazylan hatary görkeziň.**

A) Mugallymlar, lukmanlar
B) Alymlar, şahyrlar, intelligentler
C) Inženerler, binagärler
D) Temuriler, baburylar

**4. Maşgalany näme üçin jemgyýetiň esasy diýýäris?**

A) Jemgyýet müňlerçe maşgalalardan düzülendigi üçin
B) Adam maşgalada şekillenendigi üçin
C) Esasy wagtymyz maşgalada geçeni üçin
D) Maşgala mukaddes mesgen bolany üçin

## «WATANA BOLAN SÖÝGI» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

1. Adamyň iň beýik arzuwy näme?
2. Şiraga güýç we ynam beren zat näme diýip oýlaýarsyňyz?
3. Prezidentimiz Islam Karimow «Belent ruh – ýeňilmez güýç» kitabynda Alpamyş barada nähili pikirleri aýdypdyr?
4. Suratlaryň arasyndan «Watana kasam» heýkelini görkeziň.










5. Siz hem harby bolup, dabaraly kasam kabul etmegi isleýärsiňizmi?

## TESTLER

**1. Adam üçin iň beýik arzuw näme?**

A) Dünýä boýunça syýahat etmek
B) Hünärli, bilimli bolmak
C) Ata-enä, il-ýurda biminnet gulluk etmek
D) Başgalardan yza galmazlyk

**2. «Taryh hakykaty şuny görkezýär, ýagny diňe damarynda milli buýsanç, Watan yşky joş urýan adam beýik işleri başarýandyr» diýen sözler Prezidentimiz Islam Karimowyň haýsy kitabyndan alnan?**

A) «Olloh qalbimizda, yuragimizda» kitabyndan
B) «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabyndan
C) «Vatanga qasamyod – mardlik va jasorat madhiyasi» kitabyndan
D) «Vatan sajdagoh kabi muqaddasdir» kitabyndan

**3. Şiraga güýç we ynam beren zat näme?**

A) Özüne bolan güýçli ynam
B) Duşmany gowy bileni
C) Dostlary köp bolany
D) Ene topragyna bolan uly mähir-muhabbeti

**4. «Watana kasam» heýkeli haýsy şäherde gurlan?**

A) Samarkant
B) Daşkent
C) Termiz
D) Karşy

# *Ikinji bap.* ATA WATANYMYZ – BUÝSANJYMYZ-GUWANJYMYZ

## ÖZBEGISTAN DIÝIP ATLANÝAR

Eziz okuwçy, geliň, indi ene diýarymyz — Özbegistan hakynda gürrüň edeliň. Bu iňňän gyzykly söhbet-syýahat bolar.

**Özbegistan dünýädäki iň gadymy we gaýtalanmaz ülkelerden biridir. Ol Aziýa kontinentiniň merkezi böleginde, ýagny Merkezi Aziýa sebitinde ýerleşýär.**

*«Sebit» sözi ene dilimize arapça mintaka sözünden girip gelen bolup, ýöneliş, serhet, çäk diýen manylary aňladýar.*

Özbegistan demirgazyk-gündogarda Gyrgyzystan, demirgazyk we demirgazyk-günbatarda Gazagystan bilen, günorta-günbatarda Türkmenistan, günorta-gündogarda Täjigistan bilen, günortada bölekleýin Owganystan bilen serhetdeş.

**Özbegistanyň umumy meýdany 447 müň 400 kwadrat kilometr. Meýdanynyň bäşden dört bölegi düzlük, az bölegi dag, baýyr, dag eteklerinden ybarat.**

Özbegistanyň çäginden Merkezi Aziýanyň iň uly derýalary – Amyderýa we Syrderýa akyp geçýär. Ýurdumyzyň gündogar we günorta-gündogar böleginde Týanşan, Alaý, Türküstan, Zerewşan we Gissar daglary bar. Bu daglaryň arasynda Fergana, Zerewşan, Kitap – Şährisebz, Surhan – Şirabat, Çyrçyk – Ahangaran ýaly uly jülgeler ýerleşýär. Ilatyň esasy bölegi ynha şu jülgelerde ýaşaýar.

**Watanymyzyň paýtagty Daşkent şäheridir. Özbegistan bir sany respublika we 12 sany welaýatdan ybarat. Bular Garagalpagystan Respublikasy, Andijan, Buhara, Jyzzak, Nowaýy, Namangan, Samarkant, Syrderýa, Surhanderýa, Daşkent, Fergana, Horezm, Kaşgaderýa welaýatlarydyr.**

**«Watanymyzdaky her bir welaýat, tümen, her haýsy şäher-oba – ählisiniň özboluşly keşbi, ajaýyp tebigaty bar»[1].**

Özbegistany bir gören adam, hiç şübhesiz, oňa aşyk bolýar. Ýurdumyza müň-müňlerçe syýahatçylar gelýärler we olaryň ählisi bu ajaýyp, güneşli toprak olary özüne çekýändigi barada tolgunyp sözleýärler.

**Özbegistan altyn gory boýunça dünýäde dördünji orunda durýar. Ýurdumyzda uran, nebit we gaz, mis, kümüş, litiý, fosfor, kaliý ýaly minerallaryň hem baý gory, 20 sany mermer käni, 15 sany granit we gymmat bahaly daşlar käni bar.**

Özbegistan ýylyň dört pasly doly bolup geçýän dünýädäki kemden kem ýurtlardan biridir. Ýurdumyzyň ekerançylyk üçin amatly, hasyldar topragy, derýalary we kölleri, seýrek tebigaty, abat şäherleri we obalary, ençeme senagat kärhanalary, demir we awtomobil ýollary, tälim-terbiýe, lukmançylyk, medeniýet mesgenleri – bularyň ählisi milli baýlygymyzdyr.

Siz «Neksiýa», «Damas», «Matiz», «Lasetti», «Spark», «Kobalt», «Malibu», «Orlando» ýeňil awtomobillerini, «Suzuki» awtobuslaryny, «Man» ýük maşynlaryny görensiňiz. Bu maşynlar garaşsyzlyk ýyllarynda Asaka we Samarkant şäherlerinde işe girizilen awtomobil zawodlarynda öndürilýär.

[1] **Islam Karimow.** Xalq ishonchi – oliy mas'uliyat. D.: «O'zbekiston» neşirýatçaphana döredijilik öýi, 2000-nji ýyl, 225-nji sah.




**! Ýurdumyz dünýäde awtomobil gurluşygy senagatyna eýe bolan 28 döwletiň biri hasaplanýar.**

Ýurdumyzyň ilatynyň ýüz göterimi diýen ýaly sowatlydygy biziň ullakan ruhy baýlygymyzdyr. Samarkant, Buhara, Hywa, Daşkent, Karşy, Termiz, Kermene, Şährisebz, Margilan, Kokant ýaly gadymy şäherlerimizdäki seýrek ýadygärlikler hem buýsanjymyz we guwanjymyzdyr.

Ýurdumyzdaky dürli institutlarda, kitaphanalarda we muzeýlerde örän seýrek golýazmalar bar. Zarduştylygyň gadymy kitaby «Awesto» hem biziň diýarymyzda – köne Horezm topragynda döredilendir.

**! Musulman äleminde ykrar edilen alty sany beýik hadysşynasdan üçüsi biziň topragymyzyň perzendi. Bular – Ymam Buhary, Ymam Termizi we Ymam Nasoidir.**

## BEÝIK BABAMYZYŇ BEÝIK KITABY



Eziz watandaş, dünýäde gyzykly we peýdaly kitaplar köp. Ýöne olaryň arasynda bütin adamzat üçin birdek gadyrly bolan, müň ýyllar geçse-de gymmatyny ýitirmeýänleri barmak bilen sanaýmaly. Adamyň

akyl-paýhasy bilen döredilen kitaplaryň iň beýiginiň hut biziň beýik eždadymyz Ymam Buharynyň ady bilen baglydygy üçin biz buýsanmaga haklydyrys. Bu – bütin musulman dünýäsinde ykrar edilen hakykatdyr.

**«Bu eziz şahsyýetiň mirasynyň gültäji bolan iň ynamly hadyslar toplumy – «Al-jome' as-sahih»[1] kitaby yslam dininde Gurhany kerimden soň ikinji mukaddes çeşme bolup, ähli yslam ygtykadyna görä, ol adamzat tarapyndan ýazylan kitaplaryň iň beýigi hasaplanýar. Ynha, on iki asyrdan bäri, bu kitap millionlarça adamlaryň kalbyny iman nury bilen ýagtyldyp, hak we diýanat ýoluna çagyryp gelýär»[2].**

*Eziz okuwçy, siz ýene nähili beýik kitaplary bilýärsiňiz?*

Gadymda Hytaýdan başlanyp, Gündogardyr Günbatary baglaýan Beýik ýüpek ýoly Watanymyzyň çäginden geçipdir. Bu ýol arkaly ülkämize zerur harytlar we önümler bilen bile dürli halklara mahsus bolan medeniýet alamatlary-da girip gelipdir.

*Beýik ýüpek ýoly ýüpek matalary Hytaýdan uzak Ýewropa ýurtlaryna eltip, kontinentlerdir, illeri, halkyýetleri baglanyşdyrmaga hyzmat edendigi üçin hut şu at bilen atlandyrylypdyr.*

Garaşsyzlyk ýyllarynda milli baýlyklarymyza baýlyk goşmak ugrunda uly işler edilýär. Aýratynam, siziň ýaly ýaş nesil wekilleri diňe bir maddy taýdan däl, eýsem ruhy taýdan hem hiç kimden kem bolmazdan kemala gelmegi üçin ähli şertler döredilýär.

---

[1] «Al-jome' as-sahih» – sahih, ýagny ynamly hadyslar toplumy diýildigi.

[2] **Islam Karimow.** Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 38-nji sah.

**Biziň iň uly baýlygymyz – öz Watanyny tüýs ýürekden söýüp, her garyş topragyny gözüne çalyp ýaşaýan, päk niýetli, maksady beýik, mert we ar-namysly halkymyzdyr. Ýurdumyzdaky ähli baýlyklaryň eýesi, ýaradyjysy, olary dürli synag we maşakgatlardan gorap, zowalsyz saklap gelýän güýçli, döredijі güýç – halkymyzdyr.**

Özbegistan – ýer ýüzündäki ýeke-täk Watanymyzdyr. Ýagşy günlerimiz hem, ýaman günlerimiz hem ine şu mukaddes topragyň gujagynda geçýär. Eždatlarymyzyň ýatan ýeri, ata-babalarymyzyň hatyrasy, mamalarymyzyň hüwdüsi, bu günki günümiz, ertirimiz – bütin ýaşaýşymyz ynha şu Watanyň gülläp ösmegi bilen bagly. Diýmek, özümiz önüp-ösen, mukaddes topragynda aýaklarymyzyň yzlary galan, her güni, her minutda bahasyna ýetip bolmaýan nygmatlaryndan lezzetlenýän şu ýurt üçin gulluk etmäge elmydama taýýar bolmalydyrys.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Siz, şahyr bolsaňyz, Özbegistana bolan mähriňizni nähili beýan eden bolardyňyz?
2. Her paslyň tebigatdaky orny we gözelligi barada aýdyp bilersiňizmi?
3. Size haýsy pasyl köpräk ýakýar?
4. Ýurdumyzyň haýsy şäherlerini baryp görmek isleýärsiňiz?
5. Suratlara garap, ýurdumyzyň baýlyklary barada aýdyp beriň.


1


2


3


4

# ÖZBEGISTANYŇ MILLI KITAPHANASY

Eziz okuwçy, adamyň durmuşynda kitap örän uly orun tutýar. Aýratynam, hat-sowat çykarmak, bilim almak, iň zerur hünärlere we başarnyklara eýe bolmakda ol biziň üçin iň ýakyn we biminnet maslahatçydyr.

Kitap ozal-azaldan bilim-magaryf, ýagşylyk çeşmesi bolup gelipdir. Indi topragy ýaryp çykan nahalyň güneşe ymtylyşy ýaly adamzat hem kitaba, bilime dyngysyz ymtylyp ýaşaýar.

Basybalyjy duşmanlar haýsy ýurda çozup gelse, onuň başga seýrek baýlyklary bilen bilelikde kitaplaryny hem ýok etmäge ýa-da olja hökmünde alyp gitmäge çalyşmagy ýöne ýerden däldir. Duşmanlar şu ýol bilen özleri basyp alan halky ruhyýetinden, taryhy hatyrasyndan mahrum edip, ony bütinleý tabyn etmäge çalyşypdyrlar.

Dünýä halklarynyň medeni baýlygy ýa-da ösüş taryhy barada gürrüň edilende, birinji nobatda olaryň alymlarynyň, şahyrlarynyň we ýazyjylarynyň nähili beýik eserleri döredendigi agzalýar.

**!** **Biziň üçin Ymam Buharynyň «Al-jome’ as-sahih», Abu Reýhan Birunynyň «Gadymy halklardan galan ýadygärlikler», Ibn Sinanyň «Tib kanunlary», Alyşir Nowaýynyň «Hamsa» eserleri we başga kitaplar beýik baýlykdyr.**



Kitap arkaly biz taryhdan, beýik eždatlarymyzyň durmuşyndan, geljekki nesillere miras galdyrylan işlerinden, öwütlerinden habarly bolýarys. Kitap okap, dünýädäki başga halklaryň durmuş ýörelgeleri, dili, dini, däp-dessurlary barada düşünjä eýe bolup, olary gaýybana gowy görýäris. Kitap arkaly özümizi başgalara tanadýarys.

**Kitap döwletiň we jemgyýetiň ösüşini görkezýän beýik ölçegdir. Kitap ähli zamanlarda hormatlanýar. Ata-babalarymyz ony eziz we mukaddes saýyp, öýüň töründe, ýörite tekjelerde, käte hatda demir sandyklarda saklapdyrlar.**



Kitaby aýawly saklamak we ondan peýdalanmagyň iň amatly ýoly kitaphanadyr. Kitaphanalar ýerine ýetirýän wezipesine, uly ýa-da kiçikligine garap, her hili bolýar. Ýurdumyzda gadymdan her bir maşgalanyň kitaphanasy bolupdyr. Oňa maşgala ýa-da şahsy kitaphana diýilýär. Her bir bilim edarasynda-da okuwçylar, mugallymlar peýdalanýan kitaphanalar bolýar. Bu günki günde olar kompýuter tehnikasy we tehnologiýalary, Internet ulgamy bilen enjamlaşdyrylandygy üçin ady hem, wezipesi-de üýtgäp, maglumat-resurs merkezleri diýen at bilen atlandyrylýar. Siz hem mekdebiňizde ynha şeýle merkezden peýdalanýarsyňyz, elbetde.

Kitaphananyň ýene çagalar kitaphanasy, ýaşlar kitaphanasy, ylmy kitaphana, edara kitaphanasy, döwlet kitaphanasy ýaly görnüşleri bar.

Dünýädäki her bir döwletiň ruhy-intellektual kuwwatyny görkezýän merkezi ýa-da milli kitaphanasy bolýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň 20-nji fewralyndaky permanyna görä ýurdumyzda Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan milli kitaphanasy esaslandyryldy.**



Bu kitaphana 1870-nji ýylda Daşkent halk kitaphanasy diýen at bilen işe başlap, soňluk bilen Türküstan döwlet kitaphanasy, Orta Aziýa döwlet kitaphanasy, Özbegistanyň döwlet halk kitaphanasy diýen atlar bilen atlandyrylan kitaphananyň esasynda döredildi.

Milli kitaphana 2012-nji ýylda häzirki döwrebap kaşaň binasynda işläp başlady. Bu bina gözel we gaýtalanmaz görnüşi bilen islendik adamy özüne çekýär. Ol Magaryf merkezi diýlip atlandyrylýan, Milli kitaphana bilen bile Simpoziumlar köşgüni öz içine alan toplumyň düzümine girýär. Bu seýrek ajaýyp bina Daşkent şäheriniň Alyşir Nowaýy köçesinde ýerleşýär.

**Simpoziumlar köşgünde Özbegistanyň ösüşiniň dürli ugurlarynda gazanylan üstünliklere bagyşlanan halkara konferensiýalar geçirilýär. Şeýle çärelere ýurdumyzyň Prezidenti Islam Karimow gatnaşýar we çykyş edýär.**

Magaryf merkeziniň gündogar tarapynda sazly çüwdürim, onuň daşynda bolsa ýaşyl meýdan we alleýalar ýerleşýär.

Milli kitaphananyň içersi has-da haýran galdyryjydyr. Bu ýerde jemi 12 sany zal bolup, olaryň her biri anyk wezipäni ýerine ýetirýär. Dürli zallarda ýerleşen kitap muzeýi, çagalar otagy, kinomerkez, bufet, dynç alyş zonalary, okuw merkezi, elektron kitaphana hem giň we ýagty, ähli amatlylyklary bilen gelenleriň keýpini göterýär.

Kitaphananyň kitap we maglumat-resurs fondy gaty baý hem-de köpdürlüdir. Onuň umumy göwrümi 6 million nusgadan artyk. Olaryň

arasynda Gurhanyň gadymy nusgalaryndan çekip, Alyşir Nowaýy we başga nusgawy şahyrlarymyzyň we ýazyjylarymyzyň eserleriniň seýrek golýazmalaryna çenli, XIX–XX asyrlardaky milli metbugatymyzyň nusgalary, özbek, dünýä edebiýatynyň dürdäneleri hem-de dürli ugurlara degişli ylmy, ylmy-köpçülikleýin kitaplar, olaryň çap edilen we elektron nusgalary, Internet materiallaryny tapmak mümkin.

Kitaphana bir wagtyň özünde 900 adama hyzmat edip bilýär. Bu ýerde 220 sany okuwçy ýerleşýän kompýuter bilen enjamlaşdyrylan, bir akademik sagadyň içinde Internetden mugt peýdalanmak mümkin. Şonuň ýaly-da, netbuklaryň kärendesine berilmegi, 10 sany infokiosk, braýyl ýazuwyndaky, ýagny gözi görmeýänler üçin kitaplar, braýyl klawiaturasy bilen enjamlaşdyrylan kompýuterler bar.

Bir söz bilen aýdanda, Milli kitaphana ýurdumyzyň ruhy hazynasydyr. Her gün bu mübärek mesgene ylym-bilim nurundan lezzet almak üçin köp ýaşlaryň gelýändigini görüp, halkymyzyň hakykatdan hem belent ruhly halkdygyna ýene bir gezek göz ýetirýäris.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Siz kitaby söýýärsiňizmi?
2. Siziň şahsy kitaphanaňyz barmy?
3. Onda nähili kitaplar bar?
4. Mekdebiňizdäki maglumat-resurs merkezinden peýdalanýarsyňyzmy?
5. Kompýuter kitabyň ýerini tutup bilermi?
6. Suratlardaky haýsy kitaplary saýlan bolardyňyz we näme üçin?



1



2



3



4

## ÖZBEGISTANYŇ HALKY

Eziz okuwçy, biziň iň uly baýlygymyz zähmetkeş we dana halkymyzdygyny öňki dersimizden bildik. Şonuň üçin Watanymyzy näçe söýüp beýgeltsek, onuň bar ýüküni dag ýaly egninde göterip gelýän halkymyzy hem şonça söýýäris.

Dünýädäki iň gözel sözler, taryplar Watanymyza näçe gelişse-de, halkymyza-da şonça gelişýär. Iň eziz at – ene sözüni-de ilki bilen «Watan», «halk» diýen sözlere goşup aýdýarys.

**Watan bilen halky bir-birinden hiç haçan aýry göz öňüne getirip bolmaýar. Halkymyzyň keşbinde Watanymyzy görsek, Watanymyzyň keşbinde halkymyzy görýäris.**

Halkymyz dünýädäki iň gadymy halklardan biri. Ilki bilen, Watanymyzyň gadymylygy, onuň topragynda üç müň ýyllar öň hut şu halk şäherler we obalar, milli döwlet, medeniýet döredendigi bu hakykaty aýdyň subut edýär.

*«Halk» sözi ene dilimize arap dilinden girip gelen bolup, ýaradylan diýen manyny aňladýar. Ýagny, haýyrly işler üçin ýaradylyp, bir dilde gepläp, umumy däpler we gymmatlyklar esasynda ýaşap, ýeke-täk maksada tarap ymtylýan adamlar halkdyr. Bu sözüň ýerine millet, il, ulus, halkyýet, ilat, köpçülik sözleri hem ulanylýar.*

**«Özbegistanyň halkyny, milletine seretmezden, Özbegistan Respublikasynyň raýatlary düzýär»[1].**

---

[1] Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy. 8-nji madda. D.: «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2014-nji ýyl, 5-nji sah.



Ýurdumyz köp milletli bolup, ýurdumyzda özbeklerden daşary garagalpak, täjik, gazak, gyrgyz, türkmen, rus, ukrain, koreýs, nemes, ermeni, azerbaýjan, musaýy ýaly 130-dan gowrak millet we halkyýet wekilleri ýaşaýar we olaryň ählisi bilelikde Özbegistanyň halkyny düzýär. Bu, hiç şübhesiz, ýurdumyz üçin seýrek hadysadyr. Çünki her bir millet Ýaradanyň beýik täsinligidir. Dürli millet we halkyýet wekilleri özara gatnaşyk netijesinde bir-birinden köp zady öwrenýär, däplerini we gymmatlyklaryny baýlaşdyrýar. Beýle gurşaw ýurdumyzyň raýatlarynda milli we dini bagrygiňlik, başga halklaryň medeniýetine hormatly gatnaşykda bolmak duýgularyny hem ösdürýär.

**Halkymyzyň düzüminde özbekler köp sanly we döwletimize at beren millet hasaplanýar. Şonuň üçin milli döwletliligimizi özbek döwletliligi, onuň adyny bolsa Özbegistan diýip tutýarys. Özbegistan – özbekler ýaşaýan ýer diýmekdir.**

*Özbek halky diýende, Özbegistanda we dünýäniň başga ýurtlarynda ýaşaýan özbek milletine degişli ilat, ýagny özbekler düşünilýär.*

Özbek halky dünýäniň ösüşine ullakan goşant goşan halklardan biri hasaplanýar. Bu halk Alp Ertonga, Jelaliddin Menguberdi, Emir Temur, Zahiriddin Muhammet Babur ýaly mert we batyr serkerdeleri, Ymam Buhary, Ymam Termizi, Ymam Maturidi, Nejmiddin Kubra, Mahmyt Zamahşary, Bahaweddin Nagyşbendi ýaly eziz-keramatlylary, Ahmet Fergany, Muhammet Horezmi, Ibn Sina, Abu Reýhan Biruny, Mürze Ulugbek ýaly beýikleri, Alyşir Nowaýy, Meşrep, Agahi ýaly beýik şahyr we akyldarlary kemala getirendir.

**Özbegistanyň halkynyň düzümi köp milletli bolany ýaly, özbek milletiniň düzümi-de köp halkyýetlidir.**

Sogdlar, saklar, massagetler ýaly türki taýpalar häzirki özbekleriň gadymy ata-babalary bolupdyr. Siz massagetleriň ýolbaşçysy Tomarisiň eýran goşunlaryna, sak taýpasyndan çykan Şiragyň Doronyň esgerlerine, sogd ýigidi Spitameniň grek goşunyna garşy göreş alyp barandygy baradaky hekaýalary okan bolsaňyz gerek.

Özbek halkynyň düzümini şekillendirmekde garluk, oguz, naýman, gypjak, goňrat, kenagas, barlas, mangyt ýaly ençeme taýpalaryň we uruglaryň wekilleri-de möhüm goşant goşupdyrlar.

**Adamyň haýsy uruga, ýere ýa-da halkyýete degişliligi onuň başgalardan üstün ýa-da aýratyn artykmaçlyga eýe bolmalydygyny aňlatmaýar. Biz ýeke-täk Özbegistan, ýeke-täk özbek halkyna degişlidigimizi çuňňur aňyp, muňa hemişe buýsanyp ýaşamalydyrys.**

**«Dünýäde ýeke-täk özbek milleti bar, horezmlileriň, ferganalylaryň, surhanderýalylaryň arasynda hiç hili milli tapawut ýok, olaryň ählisini özbek halkynyň perzendi diýip düşünmelidiris, ýaş neslimizi hut şu ruhda terbiýelemelidiris»[1].**

---

[1] **Islam Karimow.** Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch. D.: «Ma'naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 91-nji sah.

Gadym eždatlarymyz ozaldan Amyderýanyň we Syrderýanyň boýlaryny mekan edinip, bu çäkdäki oazislerde we jülgelerde aýratyn siwilizasiýany, ýagny medeni ösüşi esaslandyrypdyrlar. Köne gowaklara we gaýalara çekilen suratlar, hatlar, nusgawy heň-aýdymlarymyzy öz içine alýan «Şaşmakom» ýaly medeniýet ýadygärlikleri, Warahşa, Afrasiýab, Keş, Nagşap, Kuba, Ahsikent, Müňerik, Şahruhiýa ýaly legendar şäherleriň ornundan tapylýan seýrek ýadygärlikler ine şu siwilizasiýanyň önümidir.

*«Siwilizasiýa» latynça söz bolup, medeni ösüş diýen manyny aňladýar.*

**«Halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesidir»[1].**

Halkymyz ýurdumyzdaky ähli baýlyklaryň eýesi bolany üçin ýurdumyzdaky uly özgerişler onuň razylygyny almazdan amala aşyrylmaýar. Bu günki günde döwletimizi dolandyrmak, özgertmeleri amala aşyrmak boýunça möhüm kararlary kabul etmekde ine şu düzgüne amal edilýär.

Siz ata-eneňiziň mähelle mejlislerine barandygyny, käte «Ses berip geleliň» diýip, ir bilen saýlaw uçastoklaryna gidenlerini görensiňiz. Adamlar döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna dahylly bolan iň möhüm işlere öz gatnaşygyny şeýdip bildirýärler. Halk erk-isleginiň ýüze çykmagy diýip hem şuňa aýdylýar. Ynha şeýle müňlerçe, millionlarça raýatlaryň pikiri ýygylyp, bütin halkyň erkine öwrülýär.

*Raýat ýurduň çäginde hemişelik ýaşaýan, döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna degişli meseleleri çözmäge gatnaşmak hukukyna eýe bolan şahsyýetdir.*

[1] Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy. 7-nji madda. D.: «O'zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2014-nji ýyl, 5-nji sah.

Netije çykaryp aýdýan bolsak, Özbegistanyň halky ýurdumyzda gurulýan täze durmuşyň, täze jemgyýetiň esasy gurujysy hasaplanýar. Bu jemgyýetiň many-mazmunyny, ösüş derejesini we geljegini şu halkyň arzuw-umytlary we hereketleri kesgitleýär.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Biz halkymyzy näme üçin söýýäris?
2. Suratlarda halkymyzyň nähili däp-dessurlary görkezilen?


1


2


3

3. Siz halkymyzyň haýsy sypatlaryny gowy görýärsiňiz?
4. Durmuşyňyzda şol sypatlara amal edýärsiňizmi?
5. Özbek halkynyň perzendidigiňize buýsanýarsyňyzmy? Näme üçin?
6. Halkymyz barada nähili goşgy ýa-da aýdym bilýärsiňiz?

*Amaly sapak*

## MÜRZE ULUGBEK MUZEÝI

Eziz okuwçy, siz Samarkant şäherine baryp gördüňizmi?

**Samarkant 2750 ýyldan gowrak taryha eýe. Ol dünýädäki Rim, Damask, Afina ýaly gadymy şäherleriň hatarynda durýar.**

Bu şäherde adamy haýran galdyrýan taryhy ýadygärlikler, beýik binagärlik ýadygärlikleri köp. Şolardan biri şäheriň gündogar tarapynda, köne Çopanata depesinde ýerleşýän Mürze Ulugbekiň obserwatoriýasydyr.

*Obserwatoriýa diýlip astronomiýa ylmynda ýyldyzlara we asman jismleriniň hereketine syn edilýän desga aýdylýar.*




Mürze Ulugbek – Sahypgyran Emir Temuryň eý gören agtygy, Gündogar Galkynyş döwrüniň iň görnükli wekillerinden biri, dünýä ylym-biliminiň ösmegine çäksiz goşant goşan beýik alym we döwlet işgäridir. Onuň asyl ady Muhammet Taragaý bolupdyr. Emir Temur «Ulug begim» diýip söýýänligi üçin Mürze Ulugbek diýen at bilen meşhur bolupdyr.

Obserwatoriýa XIV asyrda Mürze Ulugbegiň permanyna görä gurlupdyr. Onuň jaýy üç etaždan ybarat bolup, dini sowatsyzlyk, birahatlyk höküm süren döwürlerde bozulyp gidipdir. Häzirki günde diňe sekstant diýlip atlandyrylýan, goşa ýaýdan ybarat aşaky bölegi saklanyp galypdyr.

**Ýurdumyzyň Prezidenti Islam Karimowyň başlangyjy bilen 2010-njy ýylda obserwatoriýanyň ýanynda Mürze Ulugbek muzeýi guruldy.**



Muzeýiň giň we ýagty zaly boýunça aýlansak, ilki bilen, Emir Temur we temurileriň dünýä taryhyndaky orny barada hekaýa edýän görnüşler, şol dinastiýa döwründe taryhy şäherlerimizde gurlan binagärlik ýadygärlikleri bilen tanyşýarys. Beýik akyldar şahyrymyz Alyşir Nowaýynyň «Temurhan neslidin soltan Ulugbek, Ki, älem görmedi soltan anyňdek» diýen meşhur goşgy setirlerini okaýarys. Mürze Ulugbegiň astronomiya mekdebi, ylym-bilimdäki beýik açyşlary, onuň «Ziji jadidi Koragany», ýagny «Koraganynyň täze ýyldyzlar jedweli» kitabynyň nusgalary hem bizde uly gyzyklanma döredýär. Bu kitapda 1018 sany ýyldyzyň ýerleşişiniň takyk görkezilendigi, Mürze Ulugbegiň nähili esbaplaryň kömeginde ylmy gözegçilikleri alyp barandygy barada maglumata eýe bolýarys.



Muzeýde orta asyrlarda ýaşap geçen beýik polýak astronomy Ýan Geweliý tarapyndan döredilen grawýuranyň ulaldylan nusgasy goýlan. Şu eserde Mürze Ulugbek gadymy rowaýatlara görä astronomiýa hudaýy, hasaplanan Uraniýanyň sag tarapyndan ýer alypdyr. Bu suratda Mürze Ulugbek Ptolemeý, Kopernik, Galileo Galileý ýaly dünýäniň beýik astronomlarynyň arasynda suratlandyrylan. Ýöne olardan diňe biziň eždadymyz iň beýik mertebä laýyk görlüpdir. Mürze Ulugbegiň baş tarapyna «Öz işimi mynasyp nesillerime galdyrdym», diýip ýazylyp goýlan. Ýagny, beýik eždadymyzyň, meniň açyşlarymy geljekki nesillerim hökman mynasyp dowam etdirer, diýen ynamy bu sözlerde aýdyň görünýär.

Hakykatdan hem, bu günki günde ýaş alymlarymyz beýik alymyň işlerini mynasyp dowam etdirýärler. Özbegistan Ylymlar akademiýasynyň Astronomiýa institutynda we oňa garaşly bolan, Kaşgaderýa welaýatynyň Kitap tümeninde ýerleşýän Maýdanak obserwatoriýasynda asman jisim-



lerini öwrenmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Ynha şeýle gözegçilikler netijesinde 2010-njy ýylda täze kiçi planeta açyş edildi. Ýurdumyzyň Prezidenti Islam Karimowyň teklibi bilen şol planeta «Samarkant» diýlip at berildi.

Mürze Ulugbegiň beýik açyşlary häzirki güne çenli dünýä jemgyýetçiligini haýran galdyrýar. Muny aşakdaky durmuşy waka hem tassyklaýar.

## KOMPÝUTERIŇ ÝALŇYŞY

Prezidentimiz Islam Karimow 1996-njy ýylda Parižde ÝUNESKO-nyň Baş kätibi Federiko Maýor bilen bolan söhbeti ýatlap, ýazýar: **«Şonda jenap Maýor Ulugbegiň ylmy mirasyna ýokary baha berip, onuň ýyldyzlaryň hereketine degişli hasaplamalary bu günki günde kompýuteriň kömeginde barlanyp görlende bary-ýogy birnäçe minuda tapawutlanýandygy anyklanandygyny aýdypdy. Şonda men oňa jogap edip, ýok, jenap Federiko Maýor, Ulugbek ýalňyşan bolmagy mümkin däl, eýsem kompýuterler ýalňyşan bolmagy mümkin, diýipdim. Ýöne bu sözler dostlukly degişme äheňinde aýdylan bolsa-da, onuň aşagynda çuňňur hakykat ýatyr, diýip oýlaýaryn»[1].**

Muzeýde ynha şu sözleri-de okap bileris.



*Eziz okuwçy, siziň pikiriňizçe, adam köp ýalňyşýarmy, ýa-da kompýutermi?*

[1] **Islam Karimow.** Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2013-nji ýyl, 46–47-nji sahypalar.

Mürze Ulugbek muzeýinden çykmak bilen, onuň demirgazyk tarapyndaky gözel meýdanda beýik alym babamyzyň äpet heýkeliniň beýgelip durandygyny görýäris.

Bu ýerdäki tomaşadan soň Samarkant şäheriniň merkezinde, Registan meýdanynda ýerleşýän, XIV asyrda Mürze Ulugbek gurduran we köp ýyllar talyplara sapak beren Ulugbek medresesini baryp görüp bileris. Şonda beýik eždadymyz barada has-da giň maglumata eýe bolarys.

### ? *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Siz gijesine ýyldyzly asmany görüpdiňizmi?
2. Ýyldyzlar barada bilmäge gyzyklanýarsyňyzmy?
3. Mürze Ulugbek obserwatoriýany näme üçin depede gurupdyr?
4. Mürze Ulugbegiň heýkeli haýsy suratda görkezilen?



1



2




3

5. Maýdanak obserwatoriýasy nirede ýerleşen?

# ÖZBEGISTAN DÖWLETI

Eziz okuwçy, dünýädäki her bir halkyň arzuwlaryny, erk-isleglerini amala aşyrmak, onuň bähbitlerini goramakda döwlet örän möhüm ähmiýete eýe.

*Döwlet halkyň öz bähbitlerini oýlap düzen, ygtyýarlyk beren edara esasynda dolandyrmak usulydyr.*

Özbegistanyň çäginde miladydan öň, ýagny häzirki ýyl hasaby başlanmazyndan öňki gadymy döwürlerde-de döwletler bolupdyr. Biz muny nädip bilýäris? Zarduştylyk taglymatynyň baş kitaby bolan «Awesto» mundan baryp üç müň ýyllar öň biziň ýurdumyzda, bu günki Horezm topragynda döredilen. Diýmek, «Awesto» miladydan öňki VIII–VII asyrlarda ýazylypdyr. Bu kitapda şol döwürlerde adamlaryň bileleşip ýaşandyklary, olaryň arasyndan hökümdarlaryň saýlanandygy, gala-bentleriň gurlandygy barada aýdylýar. Bularyň ählisi bolsa biz häzir ýaşaýan toprakda milli döwletlilik bolanyny görkezýär.

Watanymyzyň paýtagty – Daşkent şäherinde «Orda» diýen ýer bar. Gadymda hanlaryň köşgi ýerleşen ýere orda diýipdirler. Diýmek, Daşkent şäherindäki bu günki «Orda» kwartalynda gadymda hanyň köşgi bolupdyr.

*Orda orta sözüniň özgeren şekli bolup, aralykdaky ýer, merkez diýen manyny aňladýar.*

Samarkant şäherindäki Göksaraý Sahypgyran Emir Temur babamyzyň karargähi bolandygy, Buhara, Hywa we Kokant şäherlerindäki Ark we Orda binalary, ýurdumyzyň dürli çäklerinde saklanyp galan galalaryň galyndylary-da gadymy döwletliligimizyň taryhy tymsallarydyr.

**Ýurdumyzyň çäginde gadymda Sogd, Baktriýa (Bohtar zemin), Parkana, Horezm, Kuşan, Turan, Türküstan, Mawerannahr, Samanylar, Garahanylar, Gaznawylar, Horezm döwletleri ösüş gazanypdyr.**

XIV asyrda bolsa Sahypgyran Emir Temur güýçli döwleti esaslandyrandygyny siz öňki derslerimizden gowy bilýärsiňiz. Gynansak-da, Emur Temur babamyz aradan çykandan soň bu döwlet kiçi-kiçi hanlyklara bölünip gidýär. Olaryň arasynda özara duşmançylyk we göreş güýçlenipdir. Şonuň netijesinde daşarky basybalyjy güýçler ýurdumyza howp salýar. Deşti gypjakdan gelen goşun, Eýran leşgeri, XIX asyrda bolsa patyşa Russiýasynyň armiýasy ýurdumyzy basyp alýar.

1917-nji ýylyň oktýabr aýynda Russiýada bolşewikler partiýasy döwlet agdarylyşygyny gurap, häkimiýet başyna geçensoň, ýurdumyzda kolonial zulum has-da güýçlenýär. Bolşewikler hökümeti 1924-nji ýylda Orta Aziýanyň çäginde milli serhet geçirmek çärelerini geçirdi. Oňa görä, Watanymyzyň häzirki çäginde Özbegistan sowet sosialistik respublikasy döredildi.



**Birleşen Milletler Guramasynyň jaýy**

Ýurdumyza bu döwürde ýöne «respublika» diýilýärdi. Ol aslynda tabyn respublikady. Diňe 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda Prezidentimiz Islam Karimowyň ýolbaşçylygynda öz garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň biz giň manyda milli döwletimize eýe bolduk.

**Özbegistan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda dünýädäki döwletleriň halkara bileleşigi – Birleşen Milletler Guramasyna kabul edildi. Bu günki günde ol dünýä bileleşiginiň deň hukukly agzasydyr.**

*Dünýä bileleşigi diýende, umumy maksatlar esasynda birleşip hereket edýän ýurtlar we halkara guramalar, dünýädäki ähli gowy niýetli güýçler düşünilýär.*

Özbegistan – dünýewi döwlet. Dünýewi döwlet diýende, halkyň erk-islegi bilen kabul edilen Konstitusiýa we onuň esasyndaky kanunlara daýanmak bilen ösýän döwlet düşünilýär.

**«Özbegistan – suweren demokratik respublika. Döwletiň «Özbegistan Respublikasy» we «Özbegistan» diýen atlary bir manyny aňladýar»[1].**

Diýmek, ýurdumyz resmi taýdan «Özbegistan Respublikasy», «Özbegistan» diýen atlar bilen atlandyrylýar. Resminamalarda döwletimiziň ady hut şunuň ýaly ýazylýar we aýdylýar. Adaty çykyş edilende bolsa ony «döwletimiz», «ýurdumyz», «Watanymyz» ýaly sözler bilen hem beýan edip bileris.

Özbegistanyň döwlet düzümi, ýagny döwlet dolandyryşy we jemgyýetçilik gurluşynyň mazmuny esasy kanunymyz – Konstitusiýamyzda kesgitlenendigi üçin döwlet düzümi barada gürrüň edilende konstitusion düzüm diýen sözler hem ulanylýar.

Ýurdumyz bu günki günde hukuk demokratik döwlet gurmak ýolundan barýar. Hukuk demokratik döwletinde ähli işler kanun esasynda alnyp barylýar.

*Demokratiýa grekçe söz bolup, «demos» – halk, «kratos» – häkimiýet, ýagny, halk häkimiýeti diýen manyny aňladýar.*

Hukuk demokratik döwletinde ýurduň durmuşyna degişli möhüm meseleler halk bilen, onuň wekilleri bolan deputatlar bilen maslahatlaşmak esasynda çözülýär. Ýagny, beýle döwletde raýatlaryň hukuklary we azatlyklary, halkyň erk-islegi birinji orunda durýar.

---

[1] Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy. 1-nji madda. D.: «O'zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2014-nji ýyl, 4-nji sah.

Ýurdumyzda häzirki günde hukuk demokratik döwletiniň ähli alamatlary we aýratynlyklary, prinsipleri şekillenip, kämilleşip barýar.

Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow tarapyndan «Güýçli döwletden – güýçli raýatlyk jemgyýetine tarap» diýen taglym öňe sürlen bolup, onuň manysy, hukuk demokratik döwleti raýatlyk jemgyýetini talap edýär.

**Raýatlyk jemgyýeti döwlet we jemgyýetçilik dolandyryşynda raýatlar we olar tarapyndan düzülen döwletden daşary guramalar, öz-özüni dolandyryş edaralary işeňňir gatnaşýan jemgyýetdir.**

Siz özüňiz ýaşaýan ýeriňizdäki mähelle edarasyny gowy bilýärsiňiz. Mähelle öz-özüni dolandyryş edarasy bolmak bilen birlikde raýatlyk jemgyýetiniň özboluşly nusgasy hemdir.

Prezidentimiziň ähli diýen ýaly çykyşlarynda hukuk demokratik döwletini we raýatlyk jemgyýetini gurmagyň iň möhüm meseleleri barada gürrüň edilip, olary çözmek boýunça amaly wezipeler kesgitlenilýär. Aýratynam, döwletimiziň ýolbaşçysy tarapyndan 2010-njy ýylyň 12-nji noýabrynda Özbegistanyň Aly Mejlisiniň Senaty we Kanunçylyk palatasynyň bilelikdäki mejlisinde beýan edilen Ýurdumyzda demokratik özgertmeleri çuňlaşdyrmak we raýatlyk jemgyýetini ösdürmek konsepsiýasy şu babatda möhüm ähmiýete eýe boldy. Ynha şu konsepsiýa esasynda Konstitusiýamyza möhüm düzediş we goşmaçalar girizildi, birnäçe kanun resminamalary kabul edildi. Bularyň ählisi Özbegistanyň hukuk demokratik döwleti we raýatlyk jemgyýetini gurmak ugrundan yzygiderlilik we tutanýerlilik bilen barýandygyny görkezýär.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Mähelle ýygnaklaryna siziň maşgalaňyzdan kimler gatnaşýar?
2. Bu ýygnaklarda edilýän gürrüňler bilen gyzyklandyňyzmy?
3. Suratlardaky gadymy galalar we köşkler näme üçin gurlan diýip oýlaýarsyňyz?








4. Döwlet bolmasa, adamlar parahat we asuda ýaşamagy mümkinmi?

*Amaly sapak*

## GARAŞSYZLYK – ILKI BILEN HUKUK DIÝMEKDIR

Eziz okuwçy, Watan diňe azat we garaşsyz bolsa, onuň güýç-kuwwaty barha artyp, baýlygyna baýlyk goşulyberýär, şeýle ülkede ýaşamak hakyky bagta öwrülýär. Şonuň üçin ene ýurt barada gürrüň edilende, garaşsyzlyk temasyndan sowlup geçip bolmaýar.

*Garaşsyzlyk sözi özbaşdaklyk diýen manyny aňladýar. Garaşsyzlyk bolsa birine tabyn bolmazdan, öz hukugyna, ene ýurduna özi eýelik edip, erkin we azat ýaşamagy aňladýar.*

Diňe öz ykbalyny özi kesgitleýän, bu günki we ertirki durmuşyny öz halkynyň erk-islegi esasynda, onuň bähbitlerini gözläp guraýan, özbaşdak içeri we daşary syýasat ýöredýän, çägini, serhetlerini gorap, raýatlarynyň durmuşynyň eldegrilmesizligini saklap bilýän döwlet hakyky garaşsyz döwletdir.

*Garaşsyzlyk sözi erkinlik, azatlyk ýaly sözler bilen hem manydaşdyr. Suwerenitet bolsa fransuz dilinden alnan söz bolup, ýokary häkimiýet diýen manyny aňladýar. Şonuň üçin ol köpräk häkimiýetiň garaşsyzlygyny aňladýar.*



Döwlet suwereniteti, suweren respublika, halk suwereniteti ýaly sözler ulanylanda, ilki bilen, häkimiýte eýelik nukdaý nazaryndan garaşsyz bolmak nygtalýar.

Özbegistan garaşsyzlygyny gazanýança SSSR diýlip atlandyrylýan imperiýanyň düzüminde öňki merkeze tabyn bolan on bäş respublikanyň biridi. SSSR zorluk bilen, erkin we azat halklary mejburlamak esasynda düzülen döwletdi. Oňa örän uly çägi eýeländigi, dünýädäki köp halklary öz täsiri astynda saklap durany, döwlet nyşanlarynda gyzyl reňk esasy orun tutany üçin kommunistik imperiýa ýa-da gyzyl imperiýa diýilýärdi.

*Imperiýa latynça söz bolup, absolýut, ýagny çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolan, öz garamagynda köp ýurtlary we halklary mejburlap saklap durýan iri agressiw döwlet manysyny aňladýar.*

Imperiýany, adatda, imperator dolandyrypdyr. Ýöne öňki SSSR täsirli taglymlar bilen nykaplanany üçin özüni «deň hukukly sosialistik respublikalaryň soýuzy» hökmünde görkezmäge çalyşyp, ony ine şu taglymlaryň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik edýän, «KPSS» diýlip atlandyrylýan Sowet Soýuzynyň kommunistik partiýasy we onuň serdarlary dolandyrýardy.

Paýtagtymyz Daşkent şäherindäki «Gadagan gurbanlary hatyrasy» muzeýinde kolonializm ýyllarynda halkymyz näçe uly gurbanlar bereni, azatlyk ýolunyň neneňsi agyr we maşakgatly bolany barada ençeme taryhy resminamalar bar.

Mert we dana babalarymyz basybalyjylara garşy diňe ýarag däl, eýsem magaryf bilen hem göreş alyp barypdyrlar. Muňa XX asyryň başlaryndaky jeditçilik hereketiniň görnükli wekilleriniň işi aýdyň mysaldyr.

*Jedit arapça söz bolup, täze diýen manyny aňladýar.*

Magaryfperwer babalarymyz tälim-terbiýe mesgenlerini täzeçe guramak, teatr, kitaphana, muzeýler açmak, gazet we žurnallary çap etmek ýoly bilen halkymyzyň durmuşyny özgertmekçi bolupdyrlar. Şonuň üçin olar jeditler diýen ady alypdyrlar. Jeditleriň esasy maksady adamlary aňly we bilimli etmek arkaly ýurduň azatlygyny gazanmakdan ybarat bolupdyr. Ýöne azatlyk, garaşsyzlyk hiç haçan öz-özünden gelmeýär. Magaryfperwer babamyz Münewwer kary Abduraşidhanow bu hakda şeýle diýipdir: **«Bütin dünýädäki azatlykçylar arasynda bir söz bar: azatlyk berilmez, alynar. Hiç zat ile alyp bolmaz, diňe gan we gurban bilen alyp bolur. Hazrat Adam Atadan şu wagta çenli hiç bir döwletde we ýurtda azatlygyň berleni, gan we gurbansyz berleni taryhlarda görülmeýär»**[1].

Prezident Islam Karimow şu hakykaty nazarda tutup, **«Azatlyk diňe göreşip gazanylýar»**[2] diýip nygtapdy.

Döwletiň garaşsyzlygy bolsa onuň halky üçin öz geljegini özi kesgitlemek, azat we erkin, parahat-asuda, abat durmuş geçirmek hukugyny berip, haýyrly maksatlara ýetmek ugrunda uly mümkinçilikleri döredýär. Şonuň üçin hem Ýurtbaşymyz **«Garaşsyzlyk – bu ilki bilen hukukdyr»**[3] diýip nygtaýar.

---

[1] Vatan va millat muqaddasdir. D.: «Ma’naviyat» neşirýaty, 2000-nji ýyl, 31-nji sah.

[2] **Islam Karimow**. Vatan va xalq mangu qoladi. D.: Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasy neşirýaty, 2010-njy ýyl, 17-nji sah.

[3] Şol ýerde, 19-njy sah.

Hakykatdan hem, eger-de halkymyzyň garaşsyzlykdan öňki we ondan soňky ýaşaýşyny deňeşdirip görýän bolsak, garaşsyzlyk sebäpli nähili uly hukuklara eýe bolandygymyz aýan bolýar. Aýratynam, siziň ýaly millionlarça ýaşlaryň döwrebap mekdeplerde tälim-terbiýe alyp, dünýäde hiç kimden kem bolmazdan kemala gelýändigi garaşsyz Watanymyzda adam üçin, onuň kämilligi üçin nähili ullakan şertleriň döredilendigini görkezýär. Beýle hukuklar hiç haçan elden giderilmän, tersine, has-da pugtalanmagy üçin biz halkymyzyň, Watanymyzyň öňündäki borjumyza çuňňur aň ýetirip, olary ak göwünli berjaý etmäge ymtylyp ýaşamalydyrys.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Siz öz hukugyňyzy bilýärsiňizmi? Borjuňyzy bilýärsiňizmi?
2. «Garaşsyzlyk – bu ilki bilen hukukdyr» diýende nämäni düşünýärsiňiz?
3. Suratdaky çagalar öz hukuklaryndan nähili peýdalanýandyklary barada aýdyp beriň.


1


2


3


4

4. Siz öz hukuklaryňyzyň pugta we hemişelik bolmagy üçin näme etmeli, diýip oýlaýarsyňyz?

# ÖZBEGISTANYŇ PREZIDENTI

Eziz okuwçy, biz ene Watanymyz – Özbegistanymyz onuň garaşsyzlygy, garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan üstünlikleri barada gürrüň edende, bir beýik adamyň adyny hormat bilen dile alýarys. Ol – Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowdyr. Bu at bu günki garaşsyz Özbegistan döwletiniň ady bilen şeýle utgaşyk we ýakyn bolup gidipdir, ýagny olary bir-birinden aýry-aýry göz öňüne getirip bolmaýar.

**Prezident Islam Karimow täze Özbegistan döwletiniň esaslandyryjysy, biz her gün lezzetlenýän ähli oňyn özgerişleriň başyny başlaýjydyr.**

Ülkämiziň garaşsyzlygyny gazanmagy we dünýä bileleşiginden mynasyp orun eýelemegi, milli döwletliligimiziň dikeldilmegi, Özbegistanyň Konstitusiýasynyň, «özbek modeli» diýen at bilen dünýäde ykrar edilen ösüş ýolumyzyň, durmuşymyzyň ähli ugurlaryndaky özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylmagynda Ýurtbaşymyzyň taryhy hyzmatlary çäksiz. Bu beýik adam sowet düzümi doly agalyk edýän gaty agyr pursatda Özbegistanda garaşsyzlyk üçin göreşe başlady. Öňki soýuz respublikalarynyň ýolbaşçylaryndan birinji bolup ýurdumyzda prezidentlik dolandyryşyny girizdi.

*Prezident döwlet baştutany, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Ýokary Baş serkerdebaşysy hasaplanýar. Ol Özbegistan Respublikasynyň raýatlary tarapyndan umumhalk saýlawy esasynda bäş ýyllyk möhlete saýlanýar.*

**Prezident ähli raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmegi, Konstitusiýa we kanunlara amal edil-**

**meginiň kepilidir. Özbegistanyň Prezidenti ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitläp berýär, olary amala aşyrmaga ýolbaşçylyk edýär, Özbegistan Respublikasynyň halkynyň adyndan iş alyp barýar.**

*Döwlet syýasaty içeri we daşary syýasata bölünýär. Içeri syýasat halky ýeke-täk maksat ugrunda birleşdirmek, özgertmeleri amala aşyrmak, ýurduň parahatçylygyny saklamak, ykdysadyýeti ösdürmek, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak ýaly meselelere gönükdirilýär. Daşary syýasat bolsa başga döwletler, halkara guramalar, dünýä bileleşigi bilen dostlukly hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilýär.*

Siz köne sowet döwründe amala aşyrylan dürli zor salmalary we sütemleri görmedik bagtly nesle degişlisiňiz. Şol betbagt ýyllarda ýurdumyzyň baýlyklary aýawsyz talandy. Bolşewikler, hatda, beýik eždatlarymyzyň guburlaryny açyp, olaryň ruhuny birahat etmekden-de gaýtmady. Ikinji jahan urşunyň öňüsyrasynda Sahypgyran Emir Temuryň we temurileriň guburlaryny açyp gördüler. Emir Temur babamyzyň ýanýoldaşy bolan Bibihanymyň guburyndan tylla zatlary, hatda melike mamamyzyň bir sany ýüzüginiň barmagy bilen kesilip alnandygy taryhdan mälim.

Şeýle nähaklyklar sowet häkimiýetiniň soňky ýyllaryna çenli kä äşgär, käte gizlinlikde dowam etdi. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda «özbekler işi» diýen galp aýplamalar bilen müňlerçe günäsiz ýurtdaşlarymyzyň tussag edilendigi-de şeýle sütemkärligiň netijesidi. Öňki merkezden gelen Gdlýan, Iwanow diýen ganhor sülçüleriň ýolbaşçylygyndaky toparlar hiç bir delil-resminamasyz ýönekeý adamlaryň öýüne kürsäp girip, olary horlaýar. Hatda, aýallaryň, gyzlaryň şaý-seplerini-de talaýar. Olary gynap, özleri dokan galp resminamalara gol çekmäge mejbur edýärler.

Öňki merkezdäki gazet-žurnallar bolsa töhmet sözler bilen halkymyzyň adyny bütin dünýä ýamanatly etmäge dyrjaşdylar.

Islam Karimow 1989-njy ýylyň 23-nji iýunynda Özbegistanyň ýolbaşçysy bolup işe başlandan soň gaty agyr ýagdaýa aň ýetirmek,



ýurdumyzda adalaty dikeltmek üçin berk göreş alyp bardy (bu hakda Ýurtbaşymyzyň «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitabynda jikme-jik ýazylan). Ine şeýle göreşler netijesinde müňlerçe günäsiz adamlar azatlyga çykyp, maşgalasyna dolandy. Halkymyzyň mübärek ady aklandy, mertebesi dikeldildi. Ýurtdaşlarymyz ýene milli özlügine buýsanyp ýaşamak mümkinçiligine eýe boldy.

**! 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda Prezident Islam Karimow Özbegistanyň garaşsyzlygyny bütin dünýä yglan etdi.**

Döwletimiziň ýolbaşçysynyň milli gymmatlyklarymyzy dikeltmekdäki hyzmatlary-da çäksiz. Ýurtbaşymyzyň başlangyjy bilen dilimiz, dinimiz, milli buýsanjymyz, Nowruz, Remezan, Gurban baýramlary ýaly milli baýramlarymyz täzeden dikeldildi. Ýurtdaşlarymyz haja we umra

erkin baryp gelýän boldular. Öň ady hem, eserleri-de, taryhy işleri-de bizden gizlin saklanan ne-ne beýik eždatlarymyz ýene özümize gaýtdy. Olaryň guburlary abat edildi. Öňki söhbetlerimizde aýdylyşy ýaly, köne şäherlerimiziň taryhy seneleri halkara möçberde giň bellenilip, ol ýerlerdäki binagärlik ýadygärlikleri düýpli abatlandy.

Bu günki günde ýurdumyz ähli ugurlarda uly üstünlikleri gazanyp, ykdysady kuwwatymyz, halkymyzyň maddy hal-ýagdaýy, Watanymyzyň halkara abraýy barha artýar. Şäherlerimiziň we obalarymyzyň görküne görk goşulýar. Bularyň ählisi Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda uzagy gözläp amala aşyrylýan özgertmeleriň netijesidir.

Aýratynam, 1997-nji ýylda Ýurtbaşymyzyň başlangyjy bilen işlenip taýýarlanan we kabul edilen Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy ýurdumyzda 12 ýyllyk umumy mejbury, mugt tälim ulgamyny girizmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

Öňki düzüm döwründe mekdeplerimizi, çagalar baglaryny, hatda, azajyk abatlamak üçin hem pul tapylmazdy. Garaşsyzlyk ýyllarynda, hususanda, 2004–2009-njy ýyllarda ýurdumyzdaky 1000-e golaý umumy orta bilim berýän mekdebi düýpli rekonstruksiýa edildi ýa-da olaryň köpüsi täzeden guruldy. Şonuň ýaly-da, ýurdumyzda 1500-den artyk liseý we kollež, 69 sany ýokary okuw edarasy – uniwersitetler, institutlar, akademiýalar ýaşlarymyzyň çuňňur bilim we endik almagy üçin hyzmat edýär.

Prezidentimiziň milli döwletliligimizi dikeltmek, halkymyzyň durmuşynyň ähli ugurlaryny özgertmek ýolundaky hyzmatlary çäksiz uly bolup, olaryň ählisini atma-at sanap geçer ýaly däl, elbetde. Şonuň üçin Prezident Islam Karimowyň ady garaşsyz döwletliligimiziň, ata Watanymyzyň tymsalyna öwrülendir.

### *Soraglar we ýumuşlar:*

1. Siz telewizorda Prezidentimiziň sözlerini eşitdiňizmi?
2. Döwlet baştutanymyzyň haýsy sözleri ýadyňyzda galdy?
3. Siz, Ýurtbaşymyz arzuw edişi ýaly, ylymlary, daşary ýurt dillerini gowy özleşdiren, sagdyn we kämil adam bolmaga nähili çalyşýarsyňyz?

4. Suratlara garap, döwletimiziň ýolbaşçysynyň ýaşlar baradaky ünsi barada aýdyp beriň?



1



2



3

*Amaly sapak*

## YMAM BUHARYNYŇ ÝADYGÄRLIK TOPLUMY

Eziz okuwçy, ýurdumyzda sežde, zyýarat edilýän mukaddes ýerler barada gürrüň edilende, ýurtdaşlarymyz hem, daşary ýurtly syýahatçylar hem ilkibada Ymam Buharynyň ýadygärlik toplumyny agzaýarlar. Bu seýrek ýadygärlik Samarkant welaýatynyň Paýaryk tümenindäki Hartaň obasynda ýerleşýär.

! **Ymam Buhary bütin yslam dünýäsinde muhaddisler soltany diýlip ykrar edilendir.**

Bu beýik şahsyýetiň gubury, uly Samarkant şäherinden demirgazykda, bary-ýogy otuz çakyrym uzaklykda ýerleşendigine seretmezden, öňki SSSR döwründe köp ýyllaryň dowamynda garawsyz galypdyr. Bu ýerde beýik eziz-keramatlynyň guburynyň bardygyny hiç kim hyýalyna-da getirmändir. Soňluk bilen tötänden Ymam Buharynyň gubury anyklanyp, ol ýerde gelşiksiz bir kümmet gurlupdyr.

*Hadys arapça söz bolup, habar, täzelik diýen manylary, Muhammet aleýhissalamyň aýdan sözleri, eden işleri we görkezmeleri baradaky rowaýatlary aňladýar.*

Yman Buharynyň jaýlanan ýeri diňe garaşsyzlyk gazananymyzdan soň her taraplaýyn abat bolup, häzirki kaşaň görnüşinde täzeden guruldy.

*Muhaddis arapça söz bolup, hadys rowaýat ediji, hadyslary toplamak, seçip almak we düşündirmek bilen meşgullanýan alymy aňladýar.*

Ilkibaşda, 1997-nji ýylyň dekabr aýynda Prezidentimiz Islam Karimowyň huzurynda Ymam Buharynyň toplumynyň täze taslamasy ara alnyp maslahatlaşyldy. Şol ýygnakda Ýurtbaşymyz boljak toplumyň içki we daşky görnüşi, bu ýerde guruljak her bir binanyň, olaryň gümmezleri, derwezeleri, hatda, sütünleriniň nähili bolmalydygyna çenli gurluşykçylara we hünärmenlere zerur maslahatlary berdi.

«Ymam Buharynyň ýadygärlik toplumyndaky baş nokat – bu onuň gubur-kümmetidir, – diýdi Ýurtbaşymyz maslahatda. – Bütin dünýäden millionlarça adamlar ilki bilen şu gubury zyýarat etmek üçin, özlerini päklemek, ruhy taýdan arassalanmak we sogap gazanmak üçin gelýär. Şonuň üçin, meniň nazarymda, biz binagärlik çözgüdiniň merkezine Ymam Buharynyň gubur-kümmetini goýmalydyrys.

Döwletimiziň ýolbaşçysy şu toplumyň özboluşly keşbe eýe bolmalydygyny öwran-öwran gaýtalady: «Bu ýadygärligiň keşbinde ata-babalarymyzdan miras bolup gelýän binagärlik däpler, gündogar filosofiýasynyň ýüregi bolan Samarkandyň, Buharanyň, Hywanyň taryhy ýadygärliklerinde suratlandyrylan deňi-taýsyz binagärlik usullary aýdyň öz beýanyny tapmalydyr».

Ynha şu ýygnakda toplumyň gurluşyk materiallarynyň nähili bolmalydygy barada hem gürrüň edilip, bu babatda-da anyk we pugta görkezmeler berildi: «Bizde ozaldan taryhy-binagärlik ýadygärlikler bişen kerpiçden gurlan. Munda tebigy klimat şertlerimiziň, daşky gurşawyň täsiri her taraplaýyn hasaba alnan. Ymaratlaryň diňe bir diwarlary däl, eýsem howlularyň, metjit-medreseleriň meýdançalary hem bişen, ýagny «musulmany» kerpiç bilen örtülen. Ymam Buharynyň toplumyny guranda biz hem şeýle etmelidiris».

Prezidentimiz ata-babalarymyz guran gadymy binalaryň iň esasy taraplaryna üns bermek bilen, pikirini dowam etdirýär: «Birinjisi –



**Ymam Buharynyň kümmeti**

kerpiç, ikinjisi – sütün. Milli ymarat gurluşygymyzyň iki esasy daýanjy şu. Şonuň üçin hem, Ymam Buharynyň metjit-kümmet toplumynda «musulmany» kerpiçden tapyp ulanarsyňyz. Ýene bir teklip, kümmetiň iki tarapynda öňi açyk uly arassa howaly eýwan gurmak barada oýlanmaly. Eýwana ýetmiş dört sany oýulyp nagyşlanan sütün ýasap ornaşdyrylsa, ol gaýtalanmaz keşbe eýe bolardy. Sütünleriň hiline, aýratynam, ajagyna aýratyn üns bermeli. Çynar, arça, hoz we güjüm ýaly ýerli daragtlardan bolsa hasam gowy. Sütünleriň bir bölegini Horezmiň ussalaryna, bir bölegini Samarkandyň we Buharanyň ussalaryna, ýene bir bölegini ferganaly ussalara buýurma bermeli. Eýwanyň petiklerini bezemek işlerinde-de ähli welaýatlaryň ussalary gatnaşsa, bu çynlakaý hem hakyky umummilli we umumhalk ýadygärligi bolar».

Binagärler, gurluşykçylar we ussalar Prezidentimiziň sözlerinden ylhamlanyp, uly güýç-gaýrat bilen işe girişdiler. Ynha şu pikir ýöretmeler esasynda Ymam Buharynyň toplumynyň taslamasynyň düýpgöter täze nusgasy döredildi. Soňluk bilen hem Ýurtbaşymyz bu tema birnäçe gezek dolanyp, her gezek täze-täze teklip-pikirler bilen taslamany dolduryp, barha baýlaşdyrdy. 1998-nji ýylyň ýazynda bolsa gurluşyk meýdanyna baryp, amala aşyrylýan işler bilen ýakyndan tanyşdy, gurluşykçylar we hünärmenler bilen pikir alyşyp, gymmatly görkezmeleri we maslahatlary berdi.

## ÝAGŞYLYGYŇ SYLAGY

Toplum 1998-nji ýylyň oktýabr aýynda gurlup tamamlandy. Ol 23-nji oktýabrda Ymam Buharynyň doglan senesiniň 1225 ýyllygynyň hormatyna dabaraly ýagdaýda açyldy. Şu dabara mynasybetli dünýäniň dürli ýurtlaryndan bu ýere gelen mertebeli myhmanlar – görnükli dini ulamalar, ylym-bilim we medeniýet işgärleri, halkara guramalaryň wekilleri, ýurtdaşlarymyzyň huzurynda döwletimiziň ýolbaşçysy söz sözledi. Aýratynam, Ýurtbaşymyzyň ynha bu sözleri ähli ýygnananlaryň kalbyna, ýüregine möhürlendi:

**«Mukaddes gurhanyň aýatynda nygtalyşy ýaly, «Ýagşylygyň sylagy diňe ýagşylykdyr»...**

**...Azatlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan başlap biz Ymam Buharynyň kümmetini ol beýik şahsyýetiň şanyna mynasyp, daş-töweregi nurly künjege, zyýarata gelen mömin-musulmanlara ruhy güýç berýän sežde edilýän ýere öwrülmegini niýet edinipdik. Allanyň goldawy bilen haýyrly niýetimiz amala aşan şu mübärek günde men bu uly ýadygärlik toplumynyň ýöne bir zyýaratgäh däl-de, eýsem gözel Özbegistanymyzy bütin dünýä tanadýan, ýaş neslimizi ýagşylyk ruhunda terbiýeleýän, her bir adamy ýaşaýyş we bakylyk barada oýlandyrýan eziz mesgene öwrüljekdigine men ynanýaryn»[1].**

Hakykatdan hem, bu seýrek ýadygärlik halkymyzyň, Watanymyzyň beýik muhaddis perzendine, onuň päk ruhuna ýokary hormatyň amaly beýany boldy.

**Ymam Buhary toplumynyň umumy meýdany 10 gektary eýeleýär. Uly derwezeden içeri girmek bilen Ymam Buhary babamyzyň uly kümmeti göze ilýär. Ol mawy gümmezli, gymmat bahaly daşlar, gündogara mahsus bolan**

---

[1] **Islam Karimow**. Ma’naviy yuksalish yo‘lida. D. «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 1998-nji ýyl, 444-,450-nji sahypalar

**nagyşlar bilen bezelen. Kümmetiň iki tarapynda öňi açyk, ýetmiş dört sany oýulyp nagyşlanan sütünden ybarat uly arassa howaly eýwan gurlan.**

Çynar, arça, hoz we güjüm daragtlaryndan ýasalan eýwanyň sütünleri horezmli, samarkantly, buharaly we ferganaly ussalar tarapyndan ýasaldy. Eýwanyň petiklerini bezemekde-de ýurdumyzyň ähli welaýatlaryndan ökde ussalar we nakgaşlar gatnaşdy. Şeýdip Ymam Buhary toplumy, hakykatdan hem, umummilli we umumhalk ähmiýetli ýadygärlik hökmünde guruldy.

Häzirki günde bu mesgene ýurdumyzdan, dünýädäki musulman ýurtlardan ýüzlerçe, müňlerçe adamlar zyýarata gelýärler. Olar Ymam Buhary babamyzyň hatyrasyny ýatlap, bu toplumy uly gyzyklanma bilen tomaşa edýärler.

?

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Siz haýsy-da bolsa bir hadysy ýatdan bilýärsiňizmi?
2. Ymam Buharynyň jaýlanan ýeri öňki düzüm döwründe näme üçin garawsyz galypdyr, diýip oýlaýarsyňyz?
3. Ymam Buharynyň kümmetini suratlardaky Emir Temuryň we Ymam Moturudileriň kümmetleri bilen deňeşdirip görüň, olaryň gümmezlerinde, nagyşlarynda nähili meňzeşlik hem-de tapawut bar?



1



2



3

## WATANYMYZYŇ TYMSALLARY

Eziz okuwçy, adamlar dünýädäki zat-hadysalary, olaryň aýratynlyklaryny we alamatlaryny anyk aňlatmak, bitewilikde göz öňüne getirmek üçin dürli tymsallardan peýdalanýar. Tymsallar şekline, many-mazmunyna görä bir-birinden tapawutlanýar. Gadym zamanlarda adamlar hudaýlary özleriçe göz öňüne getirip, dürli heýkeljikleri, idollary we butlary ýasapdyrlar. Olarda hudaýlar kä adam, kä perişde şeklinde teswirlenipdir. Aýratynam, çeper edebiýatda tymsallar gaty köp. Meselem, biz okaýan goşgy, hekaýa ýa-da ertekilerde eneler güneşe, owadan gyzlar aýa, mert ýigitler arslana, olaryň uçgur tülparlary bolsa şemala ýa-da ýyldyryma meňzedilýär. Bularyň ählisine çeper tymsallar diýilýär.

*Tymsal haýsy-da bolsa bir zadyň meňzeşini, onuň many-mazmunyny özünde jemleýän somwoliki aňladylmagydyr.*

Dünýädäki iň beýik we eziz gymmatlyk bolany üçin Watanyň hem tymsaly köp. Watanyň tymsallary resmi we resmi däl, taryhy ýa-da häzirki zaman bolmagy mümkin. Ýurdumyzyň döwlet nyşanlary – baýdagymyz, gerbimiz we senamyz resmi tymsallar hasaplanýar. Şonuň ýaly-da, Prezident, parlament, hökümet, Konstitusiýamyz, döwlet dili, paýtagtymyz, milli walýutamyz hem döwletliligimiziň iň möhüm alamatlary, tymsallarydyr.

**Resmi tymsallaryň many-mazmuny, derejesi ýurduň Konstitusiýasynda we degişli kanunlarda kesgitlenilýär. Olar Watanymyzyň mertebesi we buýsanjy, garaşsyzlygy we suwerenitetiniň nyşany hökmünde kanun bilen goralýar. Olary bilmek we hormat etmek, gözüň göreji ýaly aýawly saklamak her bir raýatyň borjy hasaplanýar.**






Watanyň mukaddes tymsallary halky birleşdirip, ony bir maksada tarap gönükdirip ýaşamaga, islendik şertde-de öz ýurdunyň bähbitleri üçin göreşmäge ündeýär.

**!** **Özbegistan Respublikasynyň döwlet baýdagy 1991-nji ýylyň 18-nji noýabrynda kabul edilen.**

Baýdakdaky mawy reňk diriligiň, ýaşaýşyň aňlatmasy bolan baky asman we durmuş simwolydyr. Ak reňk parahatçylyk simwolyny, halkymyzyň asylly we haýyrly ymtylyşlaryny özünde jemleýär. Ýaşyl reňk bolsa tebigatyň täzeleniş simwoly. Ol gadym-gadymdan juwanlyk, umyt, şadyýanlyk tymsaly hasaplanypdyr. Baýdakdaky gyzyl çyzyklar halkymyz endamyndaky gujur-gaýratyň we güýjüň alamaty. Ol garaşsyzlyk ugrundaky göreşleri-de aňladýar. Ýarym aýyň teswiri halkymyzyň yslam dininiň däplerine wepalylygy bilen bagly bolup, ol täze durmuş, ýagny garaşsyzlygy aňladýar. Baýdakdaky on iki ýyldyz asmandaky on iki ýyldyzlar toplumyny aňladýar.

**!** **Özbegistan Respublikasynyň döwlet gerbi 1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda kabul edilen.**

Gerbiň çep tarapynda bugdaý sümmülleri, sag tarapynda bolsa açylyp duran gowaçanyň şahalary baýdagymyzyň teswiri düşürlen lenta bilen gurşalan. Gerbiň ortasynda uzakdaky daglara we derýalara utgaşýan jülgä gün şöhlesini saçyp dur. Gerbiň ýokarky böleginde

gündogarda musamman diýlip atlandyrylýan sekiz burçly ýyldyz teswirlenen. Musammanyň içinde ýarym aý we ýyldyz şekillendirilen. Gerbiň öňki böleginde, merkezinde Humaý guşy ganatlaryny ýaýyp dur. Gerbiň aşaky böleginde Özbegistan Respublikasynyň baýdagyny aňladýan lentanyň ortasyna «O‘zbekiston» diýlip ýazylyp goýlan.



*Eziz okuwçy, dükanda iki sany owadan futbolka dur. Birine döwletimiziň gerbi, ikinjisine bolsa daşary ýurtly meşhur futbolçynyň suraty düşürlen. Siz olaryň haýsysyny saýlan bolardyňyz?*

! **Özbegistanyň senasy 1992-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen bolup, onuň tekstini Özbegistanyň Gahrymany Abdulla Oripow, sazyny bolsa kompozitor Mutawakkil Burhanow döretdi.**

Döwletimiziň senasynda Watanymyzyň gaýtalanmaz gözelligi, halkymyzyň asylly sypatlary, garaşsyzlygymyzyň ebediligi, ýagty geljegimiz, ýaş nesliň Watanyň daýanjydygy wasp edilýär.

! **Özbegistanyň raýaty bolan her bir adam döwletimiziň senasyny ýatdan bilmeli we onuň manysyna çuňňur düşünip, ony aýtmagy başarmaly.**

Dünýäde resmi däl tymsallar hem köp. Meselem, Amerikanyň Birleşen Ştatlary diýende, Azatlyk monumentini, Fransiýa diýende, Eýfel minarasyny, Hytaý Halk Respublikasy diýende, Beýik Hytaý diwaryny, Hindistan diýende, Täçmahal ýadygärligini ýatlaýarys. Biziň ýurdumyz barada gürrüň edilende bolsa, köpçülik Samarkant, Buhara we Hywa, Daşkent ýaly köne şäherlerimizi, Registan, Ark, Hezreti Ymam ýaly binagärlik ýadygärliklerini, Buhary, Termizi, Horezmi, Samarkandy, Daşkendi ýaly atlar bilen dünýä tanalan beýik alymlarymyz göz öňüne getirilýär.

Ýurtdan uzakda gezip, ony küýsesek, ülkämiziň şirin-şeker miwelerini, gözel şäher-obalaryny, sada we akgöwünli adamlaryny ýada salýarys. Şolaryň ählisiniň keşbinde jandan eziz Watanymyzy gören ýaly bolýarys.

## WATAN KÜÝSEGI

Pelegiň gerdişi bilen Hindistan topragynda ýaşap, şol ýerde güýçli döwleti esaslandyran Zahiriddin Muhammet Babur babamyz hemişe ene topragyny küýsäp ýaşapdyr. Bu beýik şahsyýet üçin gadyrdan diýardan getirilen, ony ýatladýan islendik zat Watan tymsaly bolup görünýär. Onuň özüniň ýazmagyna görä, ýurdumyzdan alnyp barylan gawuny ysgap, ýaş çaga ýaly zaryn-zaryn aglaýan eken. Çünki ynha şu putsatda ol beik adam Watanyň ysyny duýan ýaly bolýar, alys çagalyk ýyllary geçen pursatlary küýseýär. Watana garap okdurlyp, ganat baglap uçasy gelýär. Gynansak-da, ýoluň uzaklygy, hindi diýarynda döwlet işleri bilen üznüksiz baglanyp galandygy üçin ýüreginde örän agyr arman bolup ýatan bu arzuwy amala aşyrmagyň mümkinçiligi tapylmaýar.

Watanymyzyň taryhy tymsallary diýende, gadymy şäherlerimiz we asyrlaryň dowamynda olaryň simwoly bolup gelýän ýadygärlikleri göz öňümize getirýäris. Häzirki tymsallar bolsa bu günki döwrüň ruhuny, halkymyzyň häzirki gündäki arzuwlaryny suratlandyrýar. Meselem, köne Buharanyň merkezindäki Minarai Kelan ýadygärligi köp ýyllaryň dowamynda şäheriň özboluşly tymsaly bolup gelipdir. 2010-njy ýylda Prezidentimiziň başlangyjy bilen gurlan «Köne we baky Buhara» monumenti bolsa şu mukaddes topragyň çeper ýol bilen döredilen döwrebap tymsalyna öwrüldi.

Beýik Sahypgyran babamyz Şährisebzdäki kaşaň Aksaraýy öz güýçgudratynyň zowalsyz tymsaly hökmünde gurdurypdyr. Şol sebäpli-de onuň maňlaýyna «Kimki biziň güýç-gudratymyza şübhe etse, gurduran binalarymyza baksyn» diýen sözleri ýazdyryp goýupdyr. 1996-njy ýylda bu ýadygärlige ýanaşyk meýdanda Emir Temur babamyzyň heýkeli oturdyldy. Ol şäheriň häzirki zaman tymsalyna öwrüldi.

Ýa-da Samarkantdaky Şahi-zinda, Bibihanym, Registan ýadygärlikleriniň hataryna garaşsyzlyk ýyllarynda Ymam Buhary, Ymam Moturidi toplumlary we başga ençeme ýadygärlikleriň goşulandygy ýurdumyzda gadymy tymsallarymyzy gorap saklamak bilen birlikde, halkymyzyň bu günki arzuwlarynyň, döredijilik işleriniň aýdyň beýany bolan döwrebap

tymsallary döretmäge-de uly üns berilýändigini görkezýär. Meselem, Watanymyzyň paýtagty Daşkent şäherindäki Garaşsyzlyk meýdanynda gurlan Ýagşylyk arkasy, Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumenti halkymyzyň ýokary arzuwynyň tymsallary hasaplanýar. Olaryň her birinde, damjadaky gün şöhlesi ýaly, Watanymyzyň gözel we özüne çekiji keşbini görýäris.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Siz öz şäheriňiziň ýa-da obaňyzyň tymsalyny nämelerde görýärsiňiz?
2. Daşary ýurtly myhmanlara Özbegistanyň simwoly hökmünde nämäni sowgat eden bolardyňyz?
3. Döwletimiziň senasyny aýdym edip aýdyp beriň.
4. Suratlaryň arasyndan taryhy we döwrebap tymsallary tapawutlandyryň.


1


2


3

***Amaly sapak***

## ÖZBEGISTANYŇ KONSTITUSIÝASY

Eziz okuwçy, Özbegistanyň Konstitusiýasy Watanymyzyň garaşsyzlygynyň beýik tymsallaryndan biri, her bir watandaşymyzyň hukuklaryny we azatlyklaryny hukuk taýdan kepillendirýän döwletiň baş resminamasydyr. Ýurdumyzda kabul edilýän ähli kanunlar Konstitusiýamyz esasynda taýýarlanýar we tassyklanýar, durmuşa ornaşdyrylýar. Şonuň üçin Konstitusiýany Esasy kanunymyz diýýäris.

*«Konstitusiýa» sözi latyn dilinden alnan bolup, ornaşdyrmak, gurluş diýen manylary aňladýar. Häzirki günde adamyň, döwletiň we jemgyýetiň hukuklaryny we borçlaryny her taraplaýyn tertibe salýan, ýokary ýuridik güýje eýe bolan, başga kanunlara esas, ýurt garaşsyzlygynyň kepili bolup hyzmat edýän kanun resminamasy manysynda ulanylýar.*

**Konstitusiýa, göwrümine görä onçakly uly bolmasa-da, ýurdumyzyň syýasy gurluşy, durmuş-ykdysady ösüşi, döwletiň we raýatyň, jemgyýetçilik gurluşlarynyň ähli hukuklaryna hem-de borçlaryna degişli meseleleri öz içine alany, olaryň hukuk esasyny kesgitleýänligi üçin oňa durmuşymyzyň baş kamusy diýýäris.**




Konstitusiýamyz halkymyzyň, döwletimiziň, jemgyýetimiziň durmuşynda, ösüşinde şeýle möhüm ähmiýete eýe bolany üçin ony her birimiz çuňňur öwrenip, durmuşda, okuwda, işde onuň talaplaryna amal edip ýaşamalydyrys. Bu – ählimiziň raýatlyk borjumyzdyr.

Konstitusiýa – döwletiň hukuk esasy, binýadydyr. Bu esasy goýan, berkiden, ýagny Konstitusiýamyzy işläp taýýarlamagyň we has-da kämilleşdirmegiň esasy başyny başlaýjysy Prezidentimizdir.

**Özbegistanyň Konstitusiýasy 1992-nji ýylyň 8-nji dekabrynda kabul edilen.**

Şu sene ýurdumyzda her ýyl Konstitusiýa güni hökmünde baýram edilýär. Bu baýramyň öňüsyrasynda Ýurtbaşymyz Aksaraý karargähinde Watanymyzyň ýokary derejeleri, orden we medallary bilen sylaglanan ýurtdaşlarymyza şu sylaglary dabaraly ýagdaýda gowşurýar. Beýle çäreler paýtagtymyz Daşkent şäherinde, welaýatlarymyzda hem bolup geçýär.

**Konstitusiýamyzyň 13-nji maddasyna görä, «adam, onuň durmuşy, azatlygy, mertebesi, gadyr-gymmaty we başga eldegrilmesiz hukuklary ýokary gymmatlyk hasaplanýar»[1].**

---

[1] Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy. D.: «O‘zbekiston» neşirýatçaphana döredijilik öýi, 2014-nji ýyl, 6-njy sah.



*Ýokarda agzalan dabaralaryň hut Konstitusiýa baýramy günlerinde geçirilişini «adam, onuň durmuşy, azatlygy, mertebesi, gadyr-gymmaty we başga eldegrilmesiz hukuklary ýokary gymmatlyk hasaplanýar» diýen kada bilen baglap düşündiriň.*

Şol günlerde Daşkent şäherindäki «Özbegistan» maslahatlar köşgünde Konstitusiýa gününe bagyşlanan ýene bir uly dabara geçirilýär. Onda Prezidentimiz Islam Karimow çykyş edip, garaşsyz Özbegistanyň ösüşinde Konstitusiýanyň ähmiýetiniň biçakdygy, Esasy kanunymyzda kesgitlenen maksat-wezipeleri amala aşyrmakda halkymyzyň nähili üstünlikleri gazanandygy, şonuň bilen birlikde, öňümizde duran derwaýys meseleler boýunça täze pikirleri we taglymlary beýan edýär.

Ýurdumyzda 1997-nji ýyldan bäri her bir ýyla aýratyn at berilýär. Her bir ýyl boýunça döwlet maksatnamasy kabul edilip, uly işler amala aşyrylýar. Ynha şu işleriň esasy, meýilnamasy, olary amala aşyrmagyň ýollary hem hut Konstitusiýa gününde kesgitlenilýär.

**Özbegistanyň Konstitusiýasy «Girişden», 6 bölümden, 26 bapdan, 128 sany maddadan ybarat.**

Konstitusiýamyzda ýurdumyzda ýaşaýan ýekeje-de adamyň, sosial toparyň we gatlagyň bähbidi, hukuklary we azatlyklary ünsden düşürilmedik. Şonuň üçin hem ony bütin jemgyýetimizi jebisleşdirmäge hyzmat edýän umummilli resminama, halkymyzyň aňynyň seýrek nusgasy diýýäris. Şol sanda, siziň ýaly ýurdumyzyň ýaşlarynyň hukuklary we bähbitleri hem Esasy kanunymyzda öz şöhlelenmesini tapýar. Meselem, «Her kim bilim almak hukugyna eýe. Mugt umumy tälim almak döwlet tarapyndan kepillendirilýär» (41-nji madda), «Enelik we çagalyk döwlet tarapyndan goralýar» (65-nji madda) ýaly birnäçe kadalar we düzgünler hut şony delillendirýär.

**Biz Watanymyzy tüýs ýürekden söýýän, oňa wepalylyk we janypkeşlik bilen ýaşaýan aňly raýat bolmak üçin Konstitusiýamyzy, onuň esasynda kabul edilen kanunlary gowy bilmelidiris. Bu bize durmuşda dogry ýoly seçip almaga, dürli meseleleri akylly-başly çözmäge kömek eder.**

Esasy kanunymyz biziň üçin tutanýerlilik, gujur-gaýrat we buýsanç çeşmesidir. Onuň her bir maddasyny okanda, ol beren mümkinçiliklerden peýdalanyp, öz öňümize goýan gowy maksatlarymyza ýetende biz nähili beýik halkyň, beýik Watanyň perzendidigimizi tüýs ýürekden duýýarys. Ýene-de ýokary sepgitlere tarap ymtylyp ýaşamaga çalyşýarys.

***Soraglar we ýumuşlar:***

1. Siz özüňiziň mugt bilim almak hukugyňyzdan nähili peýdalanýarsyňyz?
2. Ýene nähili hukuklaryňyzy bilýärsiňiz?
3. Siz Konstitusiýamyzy öwrenmek isleýärsiňizmi?
4. Suratlara garap, Konstitusiýamyzda kesgitlenen adam hukuklary barada aýdyp beriň.


1


2


3


4

# GAÝTALAMAK

## «ÖZBEGISTAN DIÝIP ATLANÝAR» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

1. Özbegistan haýsy sebitde ýerleşýär?
2. Döwletimiz haýsy ýurtlar bilen serhetdeş?
3. Özbegistanyň umumy ýer meýdany näçe?
4. Ýurdumyzyň çäginden nähili uly derýalar akyp geçýär?
5. Ýurdumyzyň çägi haýsy daglar bilen gurşalan?
7. Suratlara garap, ýurdumyzda nähili awtomobil zawodlary bardygyny aýdyň.


1



2


3

### TESTLER

**1. Özbegistan haýsy sebitde ýerleşýär?**

A) Günorta Aziýa
B) Gündogar Ýewropa
C) Merkezi Aziýa
D) Latyn Amerikasy

**2. Özbegistan günorta-gündogarda haýsy ýurt bilen serhetdeş?**

A) Azerbaýjan
B) Russiýa Federasiýasy
C) Täjigistan
D) Türkmenistan

**3. Döwletimiziň umumy ýer meýdany näçe kwadrat kilometr?**

A) 300 müň kwadrat kilometr
B) 749 müň 329 kwadrat kilometr
C) 447 müň 400 kwadrat kilometr
D) 942 müň 23 kwadrat kilometr

**4. Ýurdumyzyň çäginden Merkezi Aziýanyň haýsy uly derýalary akyp geçýär?**

A) Akderýa we Garaderýa
B) Kaşgaderýa we Surhanderýa
C) Amyderýa we Syrderýa
D) Wolga we Dnepr

## «ÖZBEGISTANYŇ HALKY» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

1. «Halk» sözüniň manysyny düşündiriň.
2. «Özbegistan» sözi nähili manyny aňladýar?
3. «Özbek halky» we «Özbegistanyň halky» diýen sözler birmeňzeş manyny aňladýarmy?
4. Ýurdumyzda näçe millet we halkyýet wekilleri ýaşaýar?
5. Esasy Kanunymyzda Özbegistanyň halky barada näme diýlen?
6. Suratlara garap, özbek halkynyň dünýädäki iň gadymy halklardan biridigi barada aýdyp beriň.








## TESTLER

**1. Özbegistanyň halky diýende kimi düşünýäris?**

A) Özbekleri
B) Ýurdumyzyň zähmetkeşlerini
C) Şäher we oba ilatyny
D) Milletine seretmezden, Özbegistan Respublikasynyň ähli raýatlaryny

**2. «Halk» sözi nähili manyny aňladýar?**

A) Märeke diýen manyny
B) Jemagat diýen manyny
C) Raýat diýen manyny
D) Ýaradylan diýen manyny

**3. Özbek halky diýende kimleri düşünýäris?**

A) Özbegistandaky özbekleri
B) Daşary ýurtdaky özbekleri
D) Dünýädäki özbekleri
C) Özbek dilinde gepleşýän ilaty

**4. Ýurdumyzda ...dan gowrak millet we halkyýet wekilleri ýaşaýar.**

A) 130-den gowrak
B) 100-den gowrak
C) 50-ä golaý
D) 200-den gowrak

## «ÖZBEGISTAN DÖWLETI» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

1. Ýurdumyzyň çäginde gadymda nähili döwletler bolupdyr?
2. Emir Temur babamyz haýsy şäheri öz döwletiniň paýtagty edip belläpdir?
3. Emir Temur ýurdumyzy nähili basybalyjylardan azat etdi?
4. Biz haçandan başlap milli döwletliligimizi dikeltmäge girişdik?
5. Dünýä bileleşigi diýende nämäni düşünýärsiňiz?
6. Özbegistan nähili döwlet?
7. Suratlara garap, döwletimiz döreden mümkinçilikler barada aýdyp beriň.










## TESTLER

**1. Haýsy gadymy kitap ýurdumyzyň çäginde döredilipdir?**

A) «Ramaýana»
B) «Don Kihot»
C) «Mahabharat»
D) «Awesto»

**2. «Orda» sözi ... diýen manyny aňladýar.**

A) Ortalykdaky ýer, merkez
B) Şäher
C) Oba
D) Öý

**3. Samarkandy haýsy beýik döwlet işgäri öz döwletiniň paýtagty edip belläpdir?**

A) Abdullahan
B) Jelaliddin Menguberdi
C) Emir Temur
D) Tomaris

**4. Özbegistan BMG-na agza bolan senäni bellik ediň.**

A) 1995-nji ýyl 21-nji mart
B) 1992-nji ýyl 2-nji mart
C) 1992-nji ýyl 2-nji iýul
D) 1991-nji ýyl 1-nji sentýabr

## «ÖZBEGISTANYŇ PREZIDENTI» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

1. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ady familiýasyny doly aýdyň.
2. Ýurtbaşymyzyň Watanymyzyň öňündäki taryhy hyzmatlary barada nämeleri bilýärsiňiz?
3. 1990-njy ýyl 24-nji mart güni Özbegistanda nähili dolandyryş girizildi?
4. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda ýurdumyzdaky ýagdaý näme üçin agyrdy?
5. 1989-njy ýylda kim Özbegistanyň ýolbaşçysy hökmünde işe başlady?
6. Suratlaryň arasyndan «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch» we «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida» kitaplaryny tapyp, olaryň awtoryny aýdyň.



1



2



3

### TESTLER

**1. Özbegistanda haçan prezidentlik dolandyryşy girizildi?**

A) 1991-nji ýyl 31-nji awgust
B) 1992-nji ýyl 8-nji dekabr
C) 1990-njy ýyl 24-nji mart
D) 1993-nji ýyl 14-nji ýanwar

**2. Ýurtbaşymyz Islam Karimow haçan Özbegistanyň ýolbaşçysy hökmünde işe başlady?**

A) 1986-njy ýyl B) 1990-njy ýyl C)1989-njy ýyl D) 1991-nji ýyl

**3. Prezident Islam Karimowyň garaşsyzlygyň öňüsyrasyndaky Özbegistan barada ýazylan kitaby nähili atlandyrylýar?**

A) «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch»
B) «O‘zbekiston mustaqillikka erishish ostonasida»
C) «Alloh qalbimizda, yuragimizda»
D) «Ma’naviy yuksalish yo‘lida»

**4. Gadagan gurbanlaryny ýatlama güni**

A) 9-njy maý B) 22-nji iýun C) 31-nji awgust D) 8-nji dekabr

## «WATANYMYZYŇ TYMSALLARY» TEMASY BOÝUNÇA SORAGLAR

1. Siziň özüňiz söýýän tymsalyňyz barmy?
2. Depderiňiz ýa-da kitabyňyz başgalaryňkydan tapawutlanar ýaly nähili belgi goýardyňyz?
3. Ýurdumyzyň döwlet nyşanlaryny sanap beriň.
4. Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýdagy haçan kabul edilen?
5. Döwlet gerbi haçan?
6. Döwletimiziň senasynyň tekstiniň we sazynyň awtorlary kimler?
9. Suratlara garap, Watanymyzyň tymsallary barada aýdyp beriň.










## TESTLER

**1. Ýurdumyzyň döwlet nyşanlary getirilen hatary görkeziň.**

A) Döwletimiziň baýdagy, gerbi, senasy
B) Derýalar we köller
C) Dag we baýyrlar
D) Döwlet edaralary

**2. Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýdagy haçan kabul edilen?**

A) 1991-nji ýyl 1-nji sentýabr
B) 1992-nji ýyl 8-nji dekabr
C) 1992-nji ýyl 2-nji iýul
D) 1991-nji ýyl 18-nji noýabr

**3. Özbegistan Respublikasynyň döwlet gerbi haýsy senede kabul edilen?**

A) 1997-nji ýyl 22-nji sentýabr
B) 1991-nji ýyl 31-nji awgust
C) 1991-nji ýyl 18-nji noýabr
D) 1992-nji ýyl 2-nji iýul

**4. Döwletimiziň senasynyň tekstiniň awtoryny tapyň.**

A) Mutawakkil Burhanow
B) Alyşir Nowaýy
C) Çolpan
D) Abdulla Oripow

**5. Döwletimiziň senasynyň sazynyň awtoryny görkeziň.**

A) Abdulla Oripow
B) Mutawakkil Burhanow
C) Ýunus Rajabiý
D) Anor Nazarow

# MAZMUNY

Giriş............................................................................................................ 3

## *Birinji bap.* ENE ÝURDUM — ALTYN BIŞIGIM

Watan – ýeke-täk we mukaddes ................................................................ 6
*Amaly sapak.* Garaşsyzlyk meýdany ............................................... 12
Watana akyl ýetirmek ................................................................................ 17
*Amaly sapak.* Parahatçylyk – bahasyna ýetip bolmaýan nygmat ... 23
Watan duýgusy ............................................................................................ 27
*Amaly sapak.* Bu mukaddes Watanda ezizdir ynsan ....................... 32
Maşgala — Watan tymsaly ....................................................................... 37
*Amaly sapak.* Körpe çempionlar ...................................................... 42
Watana bolan söýgi ..................................................................................... 46
*Amaly sapak.* Sahypgyran Emir Temur ........................................... 51
Gaýtalamak.. ................................................................................................ 56

## *Ikinji bap.* ATA WATANYMYZ – BUÝSANJYMYZ-GUWANJYMYZ

Özbegistan diýip atlanýar ......................................................................... 62
*Amaly sapak.* Özbegistanyň milli kitaphanasy ................................ 67
Özbegistanyň halky ................................................................................... 71
*Amaly sapak.* Mürze Ulugbek muzeýi ............................................. 75
Özbegistan döwleti ..................................................................................... 80
*Amaly sapak.* Garaşsyzlyk – ilki bilen hukuk diýmekdir ............... 84
Özbegistanyň Prezidenti ............................................................................ 88
*Amaly sapak.* Ymam Buharynyň ýadygärlik toplumy .................... 92
Watanymyzyň tymsallary .......................................................................... 97
*Amaly sapak.* Özbegistanyň Konistitusiýasy ................................. 101
Gaýtalamak... ............................................................................................ 105

XAYRIDDIN SULTONOV, MURTAZO QARSHIBOYEV

# VATAN TUYG‘USI

**Umumta’lim maktablarining 5-sinflari uchun o‘quv qo‘llanmasi**

*(Turkman tilida)*

To‘ldirilgan va qayta ishlangan 5-nashri

*Toshkent «Ma’naviyat» 2015*

Terjime eden *K. Hallyýew*
Redaktor *J. Metýakubow*
Suratçy *S. Soin*
Korrektor *J. Metýakubow*
Kompýuterde sahaplaýjy *Ş. Sohibow*

Litsenziýa AI №189, 10.05.2011-nji ýylda berlen. Çap etmäge 2015-nji ýylyň 29-njy maýynda rugsat edildi. Möçberi $70x90^1/_{16}$. Times New Roman garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 8,19. Neşir listi 6,82. 949 nusgada çap edildi. Buýurtma № 15-286.

«Ma’naviyat» neşirýaty. Daşkent, Tarakkiýot 2-nji öňi ýapyk köçesi, 2. Şertnama 29-15.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi. Daşkent, Nowaýy köçesi 30, 2015.

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysy-nyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

**Derslik ulanmaga berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak tertibine esaslanyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Jilti gowy, dersligiň esasy böleginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Jilti ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly derejede abatlanypdyr. Goparlan sahypalary ýelimlenen, käbir sahypalary çyzylan |
| **Kanagat-lanarsyz** | Jilti çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan, ýyrtylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Dersligi gaýtadan dikeldip bolmaýar. |